TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER
MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

K. Amanmyradow. J. Jumalyýewa.

# KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR BERIŞ SERIŞDELERINIŇ TEHNIKASY WE TEHNOLOGIÝASY

**Ýokary okuw mekdepleriniň žurnalistika hünärinde okaýan talyplar üçin synag okuw kitaby**

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat — 2010**

**K. Amanmyradow. J. Jumalyýewa.**

**Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň tehnikasy we tehnologiýasy.** Ýokary okuw mekdepleriniň žurnalistika hünärinde okaýan talyplar üçin synag okuw kitaby. Aşgabat, 2010.

## Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň tehnikasy we tehnologiýasy dersine giriş

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2008-nji ýylyň 19-njy ýanwarynda ýurduň döredijilik işgärleri bilen duşuşdy. Hormatly Prezidentimiz şu mejlisde žurnalistleriň öňünde olaryň wezipelerini kesgitledi.ol ýurtda Garaşsyzlyk, özbaşdaklyk syýasatlarynyň öz möwritini geçirendigini, halkyň islegini kanagatlandyrýan täze ideologiýany tapmalydygyny belledi. Şeýle hem bu döwrüň Galkynyşlar we özgertmeler döwri bolup, KHBS-iň roluny güýçlendirmegiň zerurlygyny aýtdy. Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde, Daşary işler ministrliginiň bazasynda halkara gatnaşyklary institutynda žurnalistika hünärleriniň açylandygyny we olary taýýarlamaga gowy üns bermelidigini belledi.

Ýokary okuw mekdeplerinde talyplara jemgyýetiň täzeliklerini öwredýän dersleriniň girizilmeginiň zerurdygyny aýtdy. Türkmen ýaşlarynyň ýurtda bolup geçýän täzeliklerden habarly bolmalydygyny, ýurduň Prezidentiniň daşary ýurt saparlary, daşary ýurtdan biziň ýurdumyza gelýän işewwür toparlar we ýerine ýetirilýän döwlet ähmiýetli işler bilen talyplaryň habarly bolmalydygyny nygtady. Žurnalistikanyň işiniň pes

gidýändigini aýdyp, KHBS-e ünsi ýokarlandyrmalydygyny kesgitli aýtdy.

“Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň tehnikasy we tehnologiýasy” dersiniň “Döwürleýin neşirleriň dizaýny” bölümi gazet-žurnallaryň bezeg işiniň we önümçilik prosesiniň ýerine ýetirilişi barada düşünje bermekligi göz öňünde tutýar.

Okuwyň maksady talyplara döwürleýin neşirleriň dürli görnüşleriniň bezeg işiniň ýerine ýetirilişi we olaryň maketleriniň çyzylyşy barada düşünje bermekden ybaratdyr.Onda aşakdakylary öwrenmek göz öňünde tutulýar:

Gazet-žurnallaryň redaksiýadan neşire çenli taýýarlanyş prosesiniň ähli

etaplaryny öwrenmek;

Gazet-žurnal önümçiliginde ulanylýan ölçeg ulgamlaryny, neşirleriň göwrüm häsiýetlerini öwrenmek;
Gazet-žurnallaryň hemişelik elementleri, olaryň bezeg işiniň häzirki zaman usullary bilen tanyşmak.

Gazet sahypasy bitewi formada çykar ýaly maket işläp düzmek zerur. Bu meýilnama tekst we surat, şekil materiýallarynyň, sözbaşylaryň, bezeg işleriniň nähili bölünendigini anyk nusgada görkezýär. Redaksiýanyň sekretariýatynda ähli sanyň (nomeriň) umumy maketini taýýarlaýarlar, taýýarlanylan umumy we aýratyn

sahypalaryň maketleri redaksiýänyň ýygnagynda (planýorkasynda) ara alnyp maslahatlaşylýar. Birnji sahypada günüň esasy meselesi we degişli materiýallar we suratlar. Ikinji sahypa ykdysady materiýallary we ş.m. Maketde lineýkalar, markerler, ölçeg, şriftiň reňkleri, ugry, garniturasy we ş.m görkezilýär. Tutuş tekstde näçe belginiň barlygyny, her bir setirde näçe belginiň barlygyny bilip sözbaşy kompleksiniň meýdanyny anyklamaly. Soň boş ýer, ak tegmiller galmaz ýaly, ýa-da planlaşdyrylan materiýallar öz ýerine sygman durmaz ýaly maket işini örän ussatlyk bilen hasaplap dogry ýerine ýetirmegi başarmaly. Kompýuter grafiki maketi kagyza çyzmak zerurlygyndan halas edýär. Sahypada maket düzmäge modul setkasy mümkinçilik döredýär. Sahypada plan-makedi düzmek gönümel (prýamoý), we döwülen (lomanoý) gorizontal we wertikal, simmetriki we asimmetriki bolýar. Tekstler döwülen hili, basgançak we tegelek, togolak, köpburçly, dürli piramida, üçburçly we dürli formada bolup biler. Köpýyllyk tejribe esasynda sahypada materiýallary ýerleşdirmegiň ýöriteleşdirilen terminleri emele gelýär. Otkrytiýe (açyşda çep tarapyň ýokarky burçy), otlet- (uçuş) sag tarapyň ýokarky burçy, stoýak (iki-üç kolonna ýokardan aşaklygyna çerdak) (sahypanyň ýokary bölegi),

podwal (sahypanyň aşak bölegi) ýa-da melnisa, wertuşka we beýlekiler.

Werstka işi üçin jemi onbäş sany prinsipi sanap geçmek bolar.

1. Werstka etmezden öňünçä sahypa ýerleşdirjek materiýällaryny, suratlaryny anyklamaly.
2. Ähli meseleleri aýdyňlaşdyrmaly.
3. Eger-de reklama bildirişleriniň formasy ýä-da göwrümi gelşiksiz bolsa olary kadalaşdyrmaly başga ýere geçirmeli we ş.m
4. Esasy tekstleriň we fotosuratlaryň göwrümini we formatyny anyklamaly.
5. Fotosuratlary iri berip beyleki şekilleriň ähmiýetini gaçyrmaly däl.
6. Suratlary tekstiň ortasyndan ýerleşdirmeli.
7. Esasy makalanyň sözbaşy sahypadakybeyleki makalalaryň sözbaşylaryndan 40% uly bolmaly.
8. Manysy boýunça birmeňzeş, uly bolmadyk materiyallary bir topara düzüp ýerleşdirmeli.
9. Sahypanyň aşak böleginde bir topar ownuk materiýallary , zametkalary ýerleşdirmek bolmaýar.
10. Wertikal we gorizontal ýerleşdirilen makalalaryň arasynda dartgynlylyk, gapma-garşylyk bolmaly.

11. Sözbaşyly makalalary birmeňzeş inlilikde, biri beýlekisiniň ýokarsynda ýerleşdirmek bolmaýar.
12. Sözbaşylary bir liniýa (ugra) düzmek bolmaýar.
13. Materiýaly janlandyrmak üçin grafika ulansan gowy bolýar.
14. Ähli materiýaly, tapawutlandyrmak hiç zat tapawutlandyrmakdyr).
15. Hemişe beýleki gazetleri öwrenmeli. Werstka bu diňe bir gazet sahypasynda materiýallary döredijilikli ýerleşdirmegi başarmak däl-dir, ol arassa tehniki prossesdir. Ol makete baglylykda materiýallaryň dogry ýerleşdirilmegi we beýlekiler.

Öň werstka işini tipografiýa işgäri ýerine ýetirýärdi, häzir bolsa werstkanyň redaksiýa operatory (kompýuterde) yerine ýetirýär.

## Bezeg işiniň nazaryýeti

Gazet sahypasy bitewi formada çykar ýaly maket işläp düzmek zerur. Bu plan tekst we surat, şekil materiýallarynyň, sözbaşylaryň, oformleniýe işleriniň nähili bölünendigini anyk nusgada görkezýär.

Redaksiýanyň sekretariýatynda ähli sanyň (nomeriň) umumy maketini taýýarlaýarlar, taýýarlanylan umumy we aýratyn sahypalaryň maketleri redaksiýänyň ýygnagynda (planýorkasynda) ara alnyp maslahatlaşylýar. Birnji sahypada günüň esasy meselesi we degişli materiýallar we suratlar. Ikinji sahypa ykdysady materiýallary we ş.m. Maketde lineýkalar, markerler, ölçeg, şriftiň reňkleri, ugry, garniturasy we ş.m görkezilýär. Tutuş teksde näçe belginiň barlygyny, her bir setirde näçe belginiň barlygyny bilip sözbaşy kompleksiniň meýdanyny anyklamaly. Soň boş ýer, ak tegmiller galmaz ýaly, ýa-da planlaşdyrylan materiýallar öz ýerine sygman durmaz ýaly maket işini örän ussatlyk bilen hasaplap dogry ýerine ýetirmegi başarmaly. Kompýuter grafiki maketi kagyza çyzmak zerurlygyndan halas edýär. Sahypada maket düzmäge modul setkasy mümkinçilik döredýär. Sahypada plan-makedi düzmek gönümel (prýamoý), we döwülen (lomanoý) gorizontal we wertikal, simmetriki we asimmetriki bolýar. Tekstler döwülen hili, basgançak we tegelek, togolak, köpburçly, dürli piramida, üçburçly we dürli formada bolup biler. Kopýyllyk praktika esasynda sahypada materiýallary ýerleşdirmegiň ýöriteleşdirilen terminleri emele gelýär. Otkrytiýe (açyşda çep tarapyň ýokarky burçy), otlet-(uçuş) sag tarapyň ýokarky burçy, stoýak (iki-üç kolonna

ýokardan aşaklygyna çerdak) (sahypanyň ýokary bölegi), podwal (sahypanyň aşak bölegi) ýa-da melnisa, wertuşka we beýlekiler.

Werstka işi üçin jemi onbäş sany prinsipi sanap geçmek bolar.

1. Werstka etmezden öňünçä sahypa ýerleşdirjek materiýällaryny, suratlaryny anyklamaly.
2. Ähli meseleleri aýdyňlaşdyrmaly.
3. Eger-de reklama bildirişleriniň formasy ýä-da göwrümi gelşiksiz bolsa olary kadalaşdyrmaly başga ýere geçirmeli we ş.m
4. Esasy tekstleriň we fotosuratlaryň göwrümini we formatyny anyklamaly.
5. Fotosuratlary iri berip beyleki şekilleriň ähmiýetini gaçyrmaly däl.
6. Suratlary tekstiň ortasyndan ýerleşdirmeli.
7. Esasy makalanyň sözbaşy sahypadakybeyleki makalalaryň sözbaşylaryndan 40% uly bolmaly.
8. Manysy boýunça birmeňzeş, uly bolmadyk materiyallary bir topara düzüp ýerleşdirmeli.
9. Sahypanyň aşak böleginde bir topar ownuk materiýallary , zametkalary ýerleşdirmek bolmaýar.
10. Wertikal we gorizontal ýerleşdirilen makalalaryň arasynda dartgynlylyk, gapma-garşylyk bolmaly.

11. Sözbaşyly makalalary birmeňzeş inlilikde, biri beýlekisiniň ýokarsynda ýerleşdirmek bolmaýar.
12. Sözbaşylary bir liniýa (ugra) düzmek bolmaýar.
13. Materiýaly janlandyrmak üçin grafika ulansan gowy bolýar.
14. Ähli materiýaly, tapawutlandyrmak hiç zat tapawutlandyrmakdyr).
15. Hemişe beýleki gazetleri öwrenmeli. Werstka bu diňe bir gazet sahypasynda materiýallary döredijilikli ýerleşdirmegi başarmak däl-dir, ol arassa tehniki prossesdir. Ol makete baglylykda materiýallaryň dogry ýerleşdirilmegi we beýlekiler.

Öňler werstka işini tipografiýa işgäri ýerine ýetirýärdi, häzir bolsa werstkanyň redaksiýa operatory (kompýuterde) yerine ýetirýär.

Makediň we werstkanyň üstunde gündelik işlenilmegi esasynda sahypanyň modeli-nusgasy, gazetiň kompozisiýasynyň we grafikasynyň etalony döredilýär. (Etalon-original asyl olçeg nusgasy). Model-neşiriň kompozisiýa-grafiki gurluşy bolup ol özüne materiýaly ýerleşdirmegiň tematiki we guramaçylyk formasy, sahypanyň formaty, kolonkalaryň (sütünleriň) sany, probelleriň standartlygy, modul (nusga) setkasy, materiýallara, sahypalara, rubrikalara, bölümlere ýerleşdirmek, şeýle hem neşiriň kolontinuly, logotip

(ýagny gazetiň ady,) sany (nomeri), seneleleri, her bir sahypanyň ýokarsynda ýa-da äşagynda sahypalaryň sanynyň görkezilmegi, blok, “adress we gulluk maglumatlary”, titul we tekst şriftleri, sözbaşylar, lineýkalar, şekiller, markerler we ş.m-dir. Önki döwürlerden tapawutlylykda häzirki döwürde fotosuratlara, şekillere uly üns berýärler. Şeyle hem häzirki wagtda şekilleriň içewur häsiyetlilisi, grafikalar, çyzgylar, diagrammalar ýok boldy we olar sahypanyň many-mazmun aýratynlyklaryny düzýär. Soňky wagtlarda karikaturalar, çekilen tematiki suratlar azalýar.

Gazetiň mazmuny hem döwre görä üýtgeýär. Tekst materiýallary köpelýär, ýöne olaryň göwrümleri kiçelýär. Häzirki zaman okyjylary gazeti okanyndan “skanirowat” edenini gowy görýär. Şonuň üçinem uly materiýallar sitatalar we ş.m bilen berilýär. Okyjylar gazetiň tapawutlandyrylan elementlerine seredip haýsy materiýaly okamalydygyny anyklaýarlar we ş.m. Bazar hemişe üýtgäp durmagy talap edýär, ýöne bir zat forma bilen mazmunyň gabat gelmegi we üýtgewsizdir.

Talyplar bilen gazetlerden alynan mysallar esasynda sorag-jogap alyşmaly. Talyplara tipografiýada bolup maketirlemek we grafika işlerini ýakyndan synlamaga, öwrenmäge mümkinçilik döretmeli.

## Döwürleýin neşirleriň tehnikasy

Cap etmek işleri her döwürde bir hili ýagdaýda bolupdyr. Gadym döwürlerde informasiýalar dürli görnüşlerde, dürli ýollaryň üsti bilen halka ýetirilipdir. Daglaryň, dereleriň, mallaryň derileriniň ýüzlerine ýazylyp halka ýetirilen habarlar hem öz döwründe uly ähmiyete eýe bolupdyr. Soňra bu wezipäni metjit-medrese işgärleri, derwüşler ýerine ýetiripdirler. Döwletmämmet Azadynyň ‘’Wagzy-azat’’ eserinde derwüşleriň ylymly-bilimli bolup, maksatly etmelidigi barada aýdylýar. Hakykatdanam, şol döwürlerde Hywa hanlygynyň, Buhara emirliginiň, Eýran şalarynyň erkinlik bermänligi üçin köp işleri derwüş üsti bilen ýerine ýetirmek mümkin bolupdyr. Tagtalaryň ýüzlerine habarlaryň oýulyp ýazylmagy we ol tagtalaryň obalaryň görnükli ýerinde asylyp goýulmagy we ş.m. Habarlar üçin niýetlenen tagtalar toprakdan [şykgydan] ýakylyp ýasalypdyr we olaryň yüzüne gipsden ýazgylar goýulupdyr.

Umuman, peçat etmek işleri ýyl-ýyldan kämilleşip häzirki döwürde has-da uly ösüşe eýe bolýar. Olar esasan dört topara bölünip öwrenilyärler.

1.Ÿokary peçat ediliş usuly. [wysokiý peçat].

2. Çuňlaşdyrylan peçat [Glubokiy peçat].

3. Tekiz peçat [Ploskiy peçat].

4. Trafaret peçaty.

Ÿokary peçat etmek usulynda ähli peçat edyän [kagyza ottisk beryän] elementler, ştrihler, harplar, suratlar, ähli belgiler biraz ýokarlandyrylan görnüşde, probel elementleri [boş ýerler] bolsa, aşakda yerleşdirilyär. Bu görnüşde esasan gazetler, jurnallar, reklamalar we ş.m. neşir edilpdir.

Çuňlaşdyrylaň peçat bolsa, ýokary peçatyň tersine. Ÿagny bu görnüşde peçat edilmeyän elementler ýokarda bolup, peçat edilyän formalar aşakda galyar. Bu görnüşde çuňlaşdyrylan formalara-da, boş yerlere-de deň reňk urulýar. Şeýle forma kagyz güýç bilen gysylanda reňk çuňlaşdyrylan formalara geçýär we gerekli şekilleri berýär. Probeller mehaniki ýagdaýda reňksiz galýar. Neşiriň bu görnüşi çeper neşirlerde, otkrytkalarda suraty çeper neşirlerde ulanylýar.

Tekiz (ploskaýa) peçat ediliş usuly çuňlaşdyrylan we ýokary peçat ediliş usulundan peçat edilýän we peçat edilmeýän elementerliň deň hatarda durýanlygy bilen

tapawutlanýar. Bu görnüşde boş ýerleri suw bilen, peçat formalaryny reňk bilen reňkleýärler. Ýörüte ýasalan himiki suwuklyk boş ýerlere reňk aldyrmaýar we boş ýerler arassa galýar. Himiki suwuklyk hem ähli ýerlere deň çalynýar, ýöne boş ýerler çyglygy özüne gowy siňdirýärler, peçat edilýän formalar tersine çyglygy özüne kabul etmeýärler. Peçatyň bu görnüşinde çaga kitaplaryny, köp suratly, şekilli jurnallary, plakatlary, görkezme tablisalary we ş.m neşir edýärler.

Trafaret peçaty golýazmalaryň, çeper şekilleriň anyk neşiri. Bu görnüş neşiriň iň ýönekeý görnüşidir.

Häzirki döwürde neşir etmegiň gornüşleri tehnikanyň we tehnologiýanyň ýokary derejede ösmegi esasynda has kämilleşdi. Neşir tehnologiýasynyň perspektiw ugurlarynyň biri sifrowoý peçat. Bu görnüşde poligrafiýa işleri EWM-iň üsti bilen amala aşyrylýar. Bu tehnologiýanyň ofset bilen deňeşdireniňde örän köp aýratynlyklary bar.

1. Kompýuter neşiri plastina formalary ýasamak we fotoform çykarmak prosessiniň zerurlygyny aýyrýar.
2. Ýokary tizlik (dolyreňkli sagatda 100, ýeke reňkli ottiskler 400 A3 formatda)
3. Reňkli şekilleriň hilliligi.
4. Gury ottiskleri derrew alyp bolýar.

5. Neşiriň edil öň ýanyndanam teksti üýtgedip, oňa düzedişleri girizip bolýar.

Ilkinji sifrowoý ofset maşyny Indigo E-print 100 Rossiýada 1996-nji ýylda F.Fýodorowyň ("Mikrohirurgiýa glaza") göz hassahanasynda redaksiýa-neşir merkezinde guruldy.

Günbatar alymlary gazetiň geljeginiň has ösen ýagdaýda boljakdygyny belleýärler. Uly magazinlerde, wokzallarda we ş.m merkezlerde özleriniň sifrowoý neşir ediji serişdeleri bolmaly. Şeýle serişdeler Izraýilde, Belgiýada we ş.m öndürilýär. Gazet sahypalary kompýuterde ýygylýar we sifrowoý merkezlere ugradylýar. Soňra sifrowoý telekommunikasiýalaryň üsti bilen neşir ediji serişdeleriň hersine ugradylýar. Ol ýerde gerek bolan ekzemplýarlaryny isleglere görä neşir edýärler. Gazetiň aýratyn ýeke ekzemplýaryny bolsa ýeke gezek düwmäni (knopkany) basmak arkaly alyp bolmaly we ş.m.

Şeýle hem kompýuteriň üsti bilen elektron neşiri (poçtany) edinip bolýar. Munda okyjy islän neşirini, islän materiýalyny oz öý kompýuterine sargyt etmek bilen alyp bilýär we ş.m.

Neşiriň ýene-de bir ösen görnüşi dünýäniň kompýuterlerini özüne birikdirýän Internetdir. "Web" ýa-da "Pautinany" ulanmak bilen, okyjy öz islän

materiýalyny tapyp bilýär. Häzirki wagtlarda şahsy gazetleri döretmek barada, ýagny her bir okyjynyň öz kompýuterinde onuň isleýän habarlarynyň, materiýallarynyň islän formatynda, formasynda alyp bilýär we ş.m.

Peçat neşirleriniň her günki önümçiligi gazet redaksiýalarynyň esasy işleri, aladalary esasynda döredilýär. Her günki neşiriň jogapkärçiligi baş redaktoryň ýolbaşçylygynda "redaktor-redaktoryň orunbasary-bölüm müdiri-habarçy" zynjyry esasynda alnyp barylýar. Redaktor gazetiň her günki sanyna göýberilmeli okalan materiýallary barlaýar, gazetiň çykmaly sanyna doly gözegçilik edýär, taýýar bolan sahypalara gol çekýär. Ol bu zatlardan başga-da adminstratiw işleri ýerine ýetirýär. Redaksiýanyň ykdysady, nul-hojalyk işlerine yolbaşçylyk edýär. Işgärleriň aylyk hakyny, galan hakyny kesgitleýär. Redaksiýanyň köpçülikleýin çarelerini, gazetiň baýramçylyk sanlaryny, çärelerini, kollektiwiň dabaraly ýygnaklaryny we ş.m çözýär. Uly gazetlerde redaktoryň orunbasary redkollegiýanyň köp meselelerini, ýygnaklaryny özi alyp barýar. Gazet sanlarynyň, hepdelik, aýlyk ýygnaklarynyň meselelerine, nobatçy bellemek işlerine we ş.m ýardam edýär. Gazet çykarmagyň guramaçylyk-tehniki işleri sekretariýat

seredýär. Jogapkär sekretar planlaşdyrma, meýillesdirme, galam hakyny (ganorary) paylama işlerini ýerine ýetirýär. Jogapkär sekretaryň orunbasary maketi düzmek, şekilleri we tekstleri ýygnamak we redaktirlemek, çykyp duran gazetiň sahypasynyň werstkasyny we korrekturasyny barlamak we ş.m işleri ýerine ýetirýär. Has dogrusy gazetiň tipografiýadan geçişine, werstka işleriniň hiline, korrektura işlerini we ş.m doly gözegçilikden geçiripsekretariýata we redaktoryň bölümine tabşyrmaly. Gazetiň sanynyň "signal", birinji sanyna gol çekýär. Şondan soň gazetiň doly çykmagyna ygtyýar berilýär.

Talyplara bu işleri ýakyndan synlamaga mümkinçilik döretmeli. Olar bilen bu temada sorag-jogap alyşmaly.

## Şriftografiýa

Žurnalistiň döreden eseriniň hiline redaktor ýa-da köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň redkollegiýasy baha berýär. Ýöne döredijilik işiniň jemi hasaplanýan golýazma okyja, tomaşaça we diňleýjä ilkinji ýoluny tehnikanyň we tehnologiýanyň kömegi bilen başlaýar. Golýazma bölüm redaksiýadan sekretariýata düşýär. Jogapkär sekretar gazeti okaýar we redaktirleýär. Gazet

sahypalarynyň maketini çyzýar, neşiriň dizaýnini işlrýär. Redaktoryň orunbasary maketi düzýär, sahypalaryň ýygylşy5y we korrekturasyny barlaýar, gazetiň tipografiýanyň üstünden geçmegini üpjün edçär. Teleradiogepleşikler bolsa ssenaristiň, režisýoryň, operatoryň, ses režissýorynyň, ses operatorynyň, režissýoryň assistentiniň, hudožnigiň, söz bilen bezeýjiniň er ş.m. bilelikdäki zähmetleri esasynda taýýarlanýar.

Dünýäniň ylmy-tehniki progresini ýurtda tipografiýalaryň, poligrafiýalaryň, telemerkezleriň, radiostansiýalaryň näderejede ösenligini, olardaky žurnalistika gulluk edýän enjamlaryş hili bilen kesgitläp bolar. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň tehnika we tehnologiýa meýdanynda peýda bolýan her bir uly açyş, täze döredilen enjam  ol linotip, fotpnabor, lazer, komýuter bolsun tapawudy ýok işiň hilini täzeleýär, ýokarlabdyrýar.

XXI asyrda bolsa bu ugurda has kämil, ýokary hilli, täze açyşlara garaşylýar.

Gazet işimiň tehniki prosesi nämeden başlady? Germaniýada U. Guttenbergiň herket edýän duzulen, oýlap tapan neşir formasyny neşirden soň bozup, ýene-de täzeden ulanyp bolýar. Oňa çenli kitaplar metal ýa-da agaçdan edilen doskalarda (tagtalarda ) neşir edilýär.

Onda harplar kesilip, oýulyp ýasalýar. Ylmy-tehniki progres hemişe gazet önümçiligine öz täsirini ýetirip geldi. Guttenbergden soň 1814-nji ýylda bugly neşirleň döredilmeginiň gazet kzemplýarlaryň bir sagatda öňkä görä dört esse köpelmegine getirdi. 1884-nji ýylda O.Mergentuler ýygym (nabor ) bilen setir probellerini birleşdirýän linotipi oýlap tapýar.

1897-nji ýylda T.Lenston setirleri goýujy ýygym maşyny monotipi olap tapýar. 1906-nji ýylda professor Artur Korn ilkinji gezek fototelegrafyň üsti bilen surat ugradýar. Bu bolsa fakslary, faks apparatlaryny döretmäge, gazet sahypalaryny redaksiýadan 1000 kilometr uzaklyga neşir etmäge mümkinçilik döredýär. 1922-nji ýylda fotonabor maşyny Angliýanyň bir firmasynda peýda boldy (oýlap tapdylar ). Muňa garamazdan fotonabor maşyny daşary ýurtlarda işläp başlady. 50-nji ýyllarda mehaniki tehnologiýa, 60-njy ýyllaryň başynda optiko-mehaniki tehnologiýa, 60-njy ýyllaryň ahyryrnda bolsa elektron tehnologiýasy peýda boldy. Eýýäm 1970-nji ýylyň başynda A.B.Ş-da poligrafiki kärhanalaryň üçden ikidi fotonabor ulanýardylar. 1970-nji ýylyň ahyrynda bolsa, fotonaborda lazer tehnologiýasy ulanylyp başlandy . XX asyryň 60-70 ýyllarynda gazetleriň nähili ýollar bilen işlenilýändigini öwrebip geçeliň.Bu döwürde awtoryň

golýazmasy redaksiýanyň işgärleri tarapyndan öwrenilýär, düzedilýär, ýygymyň (naboryň ) formaty, şrifti, abzasy, sahypa nomeri görkezilýär. Ahli makalalaryň, zametkalaryň sözbaşylary ýygymyň setir sany anyk aýratyn kagyza bellenilýär. Ondan soňoriginal ýygyma gidýär. Şonuň bilen bir wagtda-da şekilleriň bellenilýär we klişe ýasalýan ýere ugradylýar. Tipografiýada başga-da ýygym sehi bar. Ol ýerde tekstleri döretmek üçin peçat formalary (poligrafiýa ) ýasalýar, gazetler ýygylýar; Smereotipleriň üsti bilen naborlaryň kopiýalary ( köpeldilen görnüşi )we klişeler taýýarlanylýar. Uly tipografiýalarda rotatsion ( çalt neşir edýän ) maşynlar, ploski (teniň ) peçat edýän maşynlar işleýär. Uly bolmadyk tiget ( gysyjy ) maşynlar-bu görnüşde kagyz forma bilen tigeliň metanteniň, plitanyň arasynda gysylyp neşir edilýär we ş.m. Ýygym, neşir formasy tipograf gurşunlaryndan, surme, sulins we ş.m görnüşleriň ýüzünde pökgördilip ýasalan literlerinden, teksti neşir etmek üçin gerek bolan probel materiallaryndan, konsolkalardan, lineýkalardan, probelleri ýasamak üçin ulanylýan fut sşzlerde harplaryň probellerini ýasaýan spasilardan setirleriň arasyndaky probelleri ýasaýan şponlardan, uly probelleri ýasaýan pegletlerden we ş.m durýar.

Umuman, bu döwürde literlerden düzülen harplary ýygmak, maket işleri, klişe ýasamak we ş.m. ençeme işler uly zähmet talap edýärdi. Şu futlary häzirki döwür bilen ýönekeý deňeşdirmegem mümkin däl. Sebäbi tehnikanyň we tehnologiýanyň şeýle uly tizlik bilen ösmegi tipografiýa işlerini ep-esli derejede ýeňilleşdirdi. Surat işlerinden hem onçakly dury bolmadyk şekilleriň üsti bilen tekstleri bezemek ýeňil düşmeýärdi. Emma häzirki döwürde ähli işleri kompýuter tehnologiýasynyň üsti bilen amala aşyrýarlar. Tipografiýada, sehlerde Germaniýa döwletiniň “Heüdlberg” firmasynyň ýokary hilli maşynlary işleýär. Olar gazet üçin niýetlenen kagyzlary dogry kesmekde, olary reňklemekde, neşir etmekde we ş.m. ençeme funksiýalary ýerine ýetirýärler. Bu ýagdaýlary, işleri talyplar bilen bilelikde synlamaga, olara önümçilikde gazetiň döreýşini öz gözleri bilen görmäge mümkinçilik öretmeli.

Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň tehnikasy we tehnolgiýasy dersi gazet-žurnallaryň ofarmileniýasyny we önümçiligini öwrenýär.

Okuwyň maksady dizaýn (bezeg ) işleri boýunça teoretiki bilim bermek. Döwürleýin neşiriň ähli tehniki işlerini ( ýagny material, golýazma bölüm redaktora geçeninden soň, tä neşire çenli başdan geçirýän ýagdaýlaryny ), wiorstka, žrift aýratynlyklary,

maketirlemek, reňk bermek, dizaýn we ş.m. öwrenmekden ybarat. Olar esasy aşaky toparlara bölünýär.

1.Gazetiň we žurnalyň redaksiýadan başlap tipografiýa çenli ähli işlerini öz içine alýar.

2.Gazet-žurnal önümçiliginde neşirleriň ölçeg häsiýetleri we aýratynlyklary.

3. Gazet- žurnallaryň henişelik elementleri bilen tanyşlyk, olaryň häzirki zaman metodlary, oformileniýa işleri we ş.m.

Dizaýnerleriň professional leksikasy žurnalistikanyň taryhynyň do wamynda emele gelýär. Ilkinji gazetler el bilen awtoryň ýa-da redaktoryň diktowkasy, görkezmesi esasynda ýygylypdyr.Bu şeýle sada görnüş bolup onda diňe bir adam gözegçilik edipdir we soňra şol adamy ýygyjy “Werstolşik” diýip atlandyrypdyrlar. Tipografiýa işgärleri peçat formalaryny üýtgetmeli, montaž etmeli bolanlarynda döredijilikli çemeleşmeli bolupdyrlar. Olaryň arasynda gazet oformileniýalary bilen baglanyşykly “repgan”, “podwal”,”stoýak” we ş.m sözleriň emele gelmegi-de hut şonuň bilen bagly bolmaly. Neşiriň çykmagy bu arassa önümçilik prosesidir. Hut şonuň üçinem tehniki terminleriň, dizaýn teoriýasynyň ösmegi bilen bolsa ylmy terminleriň düşünjeleriň zerurlygy duýulýar.

Döwürleýin neşirleriň reper- tehniki oformileniýalarynyň (proporsiýa-deňölçeglilik, rawnowesiýe-deňagramlylyk ) neşirleriň režissurasy we ş.m adaty estetika, sungata degişli sşzlerden durýar. Aslynda metbugat işi Possiýa Günbatardan geçýär, tipografiýa sözleriniň köpüsi daşary ýurtdan nemeslerden italýanlardan geçýär.

Oformileniýa sözi formaobrazawaniýa, "dizaýn" sözleri bilen manydaş (sinonim) bolup gelýär. Oformileniýa ilki bilen foema döretmegiň bir basgançagydyr. Dizaýn sözi bolsa häzirki zaman düşünjesi bolup , ol örän köp ulanylýar .

Gazeti oformileniýasyna anyk kesgitleme bermek üçin ylmy eserleri dörüp oturmagyň zerurlygy ýok. Bu iş arassa önümçilik işi bolup, ol gazetiň tehniki-çeper oformileniýa işlerini kesgitleýär. Ýagny bu iş gazet sahypasyna gazet materiallaryny, ol materiallaryny, ol materiallarynyň sözbaşylarynyň ýerleşdiriliş ýollaryny, şriftleriň ulanylyş aýratynlyklaryny, şekilleriň, suratlaryň ýerleşdirilişini weş.m öz içine alýar. Redaksiýa hut öz gazet oformileniýasynyň üsti bilenem şz ugruny , ýoluny, syýasatyny tapawutlandyryp bilýär. Şonuň üçinem oşa " komentariýanyň inçe guraly" diýilýär.

Dizaýn iňlis dilinden geçen söz bolup , hyýal, proýekt, çyzgy, surat diýmegi aňladýar. Ýagny bu çeperçilik düzümi, çeperçilik işlerini aňladýar.

Suratkeşlik , esasy tekst, sözbaşylar, lineýkalar, bezeg işleri we beýlekiler metbugat sahypasynyň aýratyn elementleri we serişdeleri bolup durýar.

Dizaýn-çeper proýekt işleriniň bir görnüşidir. Ikinji proýekt işi bolsa hökmanydyr. Oformileniýe işleriniň dizaýn işi üstüni ýetirýär. Oformileniýe işleri gelşiksiz etikasyz bolsa-da dizaýn onuň gözelligini ýola salýar. Dizaýn işinde esasy mesele düzgün-tertip, sistema we ş.m. Dizaýn işleriniň naýbaşyly saýlanyp alynmagy aýratyn gözelligi emele getirýär. Şeýlelikde hakyky dizaýner estetika bilen funksionallygy birledirýär. Professional oformiteliň şygary bolsa esretikadan pähimlilige, paýhasa dizaýner çözgütleri bolsa sadalyga , anyklyga daýanýar. Şeýlelikde metoda we modelirlemä esslanýan ofomileniýe we formoobrazowaniýe (forma döretmek bilen ) işleri düzgünleşdirlen oýlanyşykly kompazisiýa- grafiki häzirki zaman dizaýn işidir.

Gazetiň dizaýni neşiriň özboluşly wizit kartoçkasydyr. Okyjynyň gazet bilen tanyşlygy onuň daşky görnüşinden başlaýar. Gazetiň oformileniýasy onuň many- mazmun aýratynlyklaryny aýdyňlaşdyrýar.
Neşiriň keşbi, daşky görnüşi okyjy üçin häzirka zaman wakalaryna arentasiýa hökmünde hyzmat edip biler.

Mazmun we forma biri- biri bilen berk baglanşyklydyr. Olar aýrylmaz bitewiligi döredýärler. Okyjy döwürleýin neşiri onuň täzelikleri we kommentariýalary üçin satyn alýar ýa-da ýygylýar. Mazmun elbetde esasy-bu dogry zat, ýöne onuň aýratynlygy burotikada, oformileniýada ýüze çykarylmaly. Adatça gazet gaty çakyr çykyp okyjynyň ünsüni ogyrlamaly däl. Abyraýly , saldamly neşirler bu işleri saýhally, sazlaşykda ýerine ýetirýärler. Many bilen mazmun, oformileniýe bilen dizaýn we ş.m. sazaşyp neşiriň hilini ýokarlandyrýan we ş.m.

Döwürleýin neşiriň ýüzi- bu gazetiň ugruny, syýasatyny, häsiýetini, temetiki žanry, palira (sazlaşyk), dil, stil aýratynlyklaryny aýdyňlaşdyrýar. Ýöriteleşdirlen formalaryny , materiallary ýerleşdiriş we dizaýn aýratynlyklaryny kesgitleýär. Gazetiň ýüzi düşünjesini obraz, imidj düşünjeleri bilenem deňeşdirse bolar. Umuman neşiriň hili professional ussatlygy, tejribäni we žurnalistleriň, dizaýnerleriň poligrafiýaçylaryň höwesini, başarnygyny ýüzeçykarýar. Gazet-žurnal dizaýnynde kompozisiýa sanyň (nomeriň) we her bir sahypanyň gurluşyny aňladýar. Kompozisiýa bu her bir neşiriň her sahypanyň ähmiýetini manysyny şol sanda berlen esasy rubrikalaryň ýerleşdirlişini görkezýär. Kompozisiýa döredijilik işleriniň ählisinde-de bolýar. Ol tebigatda-da

adamlar bilen baglanşykly ähli işleriň hem aň kompozisiýasy bolýar.Kompozisiýa bolmadyk ýerde dagynyklyk, düşnüksizlik emele gelip, ol ýerde hil, netije barada gürrüň bolup-da bilmez. Alymlaryň belleýşi ýaly oformitel bilen orhitektoryň işlerinde meňzeşlik bar. Oformitel hem orhitektor ýaly gurujydyr . Ýöne ol bina däl-de, hakykatdanam çerdakdan, podwaldan , oknodan, fortoçkadan ybarat gazet sahypasydyr. Bu ýerde oformitel hem orhitektor ýaly kompozisiýanyň ussatlygyny öz aňynda jemlemeli. Anyk alynan gazetiň indiwiduwllygy kompozisiýa bilen grafikanyň özara baglanyşygynda ýüze çykýar. Grafika- bu gazet – žurnalyň kontur liniýe ( kontur çyzygy) ştrih tegmil, bellik fon ýaly bellik serişdeleridir, gazetiň daşky oformileniýasydyr.

Gazetiň werstikasy, kompozisiýasy , tipografiýasy, estetikasy we ş.m ähli taraplary aýratynlykda öwrenilmeli temalardyr.

Aýdylanlary gazetler esasynda , mysallara ýüzlenip düşündirmeli.

## Bezegiň amaly görnüşleri

Gazet-žurnallaryň dizaýny tehnikanyň we tehnalogiýanyň ösüşi bilen resmileşdirilýär.Praktikanyň görkezişi ýaly ol proses kämilleşse-de birmeňzeş däl,ýagny deňagramlylyk saklanmaýar.Deňagramlylygyň saklanmagynyň esasy sebäpleriniň biri hem döwürleýin neşirleriň işiniň bazar ykdysadyýetiniň şertleri bilen utgaşdyrylýanlygydyr.Çünki bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde KHBS-ň agramly bölegi ilkinji no-batda girdeýji almak barada pikir etmäge mejbur bolýarlar.Şonuň üçin gazetleri we žurnallary resmileşdirijiler dizaýnerler bezemekden, ýagny okyjynyň ünsüni gazet bezegine çekmekden ugur alýarlar.Hä-zirki döwrüň esasy tehnikasy we tehnalogiýasy dizaýnerleri giň müm-kinçilikler döredýär.Olar bezeg işinde özboluşly usullary, materiallary bermegiň dürli mümkinçiliklerini ulanýarlar.Bulardan başga-da baş atlaryny,surat bezeglerini dürli görnüşde berip bilýar.

Häzirki döwrüň gazet-žurnallarynyň tapawutly taraplarynyň biri onuň dizaýnerlerini sosialogiýa, psihologiýa ýaly ylymlaryň usullaryny öz iş proseslerinde,döredijiliginde ulanmaklarydyr.Olar öz işlerinde okyjynyň psihikasyna we aňyýetine niýetlenen üns çekiji şekilleri ulanmak arkaly ýerleşdirilýan makalanyň bir maksada laýyklygyny gazanmaga çalyňýarlar.Bu maksada laýyklyk dürli ştrihleri ýa-da belli bir reňkiň fonunda ýerleşdirilen suratlary ýa-da materiallary bermekde has aýdyň ýüze çykýar.

Häzirki döwrüň döwürleýin neşirleriniň ýene bir meseleleriniň biri hem bir gazetiň ýa-da žurnalyň dürli görnüşli resmileşdirilişi ýagny dizaýner ulanmagy bolup durýar.Ol dizaýnerler özleriniň döredijilik işlerinde başga bir ýerde gören,göwünlerine ýaran şekillerini neşir işlerinde ulanýarlar.Bu bolsa gazetiň belli bir ýüzüniň saklanmazly-gyna getirýär.Gazetiň öz-özüniň saklanmazlygy okyjylaryň oňa bolan garaýyşlaryna ters täsir edip bilýär.Çünki her gazetiň okyjysy öz endik eden şekilleriniň ýönekeýje belli bir palasasynyň hem başga gazetden göçürilmegine ýa-da meňzedilmegine öwrenişmeýär.

Maketiň we werstkanyň üstunde gündelik işlenilmegi esasynda sahypanyň modeli-nusgasy, gazetiň kompozisiýasynyň we grafikasynyň etalony döredilýär.

(Etalon-original asyl olçeg nusgasy). Model-neşiriň kompozisiýa-grafiki gurluşy bolup ol özüne materiýaly ýerleşdirmegiň tematiki we guramaçylyk formasy, sahypanyň formaty, kolonkalaryň (sütünleriň) sany, probelleriň standartlygy, modul (nusga) setkasy, materiýallara, sahypalara, rubrikalara, bölümlere ýerleşdirmek, şeýle hem neşiriň kolontinuly, logotip (ýagny gazetiň ady,) sany (nomeri), seneleleri, her bir sahypanyň ýokarsynda ýa-da äşagynda sahypalaryň sanynyň görkezilmegi, blok, “adress we gulluk maglumatlary”, titul we tekst şriftleri, sözbaşylar, lineýkalar, şekiller, markerler we ş.m-dir. Önki döwürlerden tapawutlylykda häzirki döwürde fotosuratlara, şekillere uly üns berýärler. Şeyle hem häzirki wagtda şekilleriň içewur häsiyetlilisi, grafikalar, çyzgylar, diagrammalar ýok boldy we olar sahypanyň many-mazmun aýratynlyklaryny düzýär. Soňky wagtlarda karikaturalar, çekilen tematiki suratlar azalýar.

Gazetiň mazmuny hem döwre görä üýtgeýär. Tekst materiýallary köpelýär, ýöne olaryň göwrümleri kiçelýär. Häzirki zaman okyjylary gazeti okanyndan “skanirowat” edenini gowy görýär. Şonuň üçinem uly materiýallar sitatalar we ş.m bilen berilýär. Okyjylar gazetiň tapawutlandyrylan elementlerine seredip haýsy materiýaly okamalydygyny anyklaýarlar. Bazar hemişe

üýtgäp durmagy talap edýär, ýöne bir zat forma bilen mazmunyň gabat gelmegi welin üýtgewsizdir.

## Çap zolagynyň bezegi we döwürleýin neşirleriň bezeginde esasy ugurlar

Gazeti neşire bermezinden öňünçä, ilki neşiriň dizaýn işleri boýunça şeýle ýagdaýlary öwrenmeli.

Oňaýlylyk. Yagny okyjylara okamak üçin, jurnalistlere döretmek we oformleniýe etmek üçin, poligraf işgärlerine poligrafiýa işlerini ýerine ýetirmek üçin oňaýlylyk döretmeli.

Tygşytlylyk. Okyjylar, jurnalistler, poligrafist işgärleri üçinem wagt we serişde tygşytlylygy.

Gözellik. Adamlarda gahar däl-de, kanagatlanma, lezzet döretmek üçin niýetlenen gözellik işleri.

Şriftler, şekiller, oformleniýanyň aýratynlyklary-bularyň hemmesi dizaýnyň grafikasyny döredýär. Gazetiň önümçiligi:

Teksti ýygmak, şekilli materiýallary taýýarlamak

Werstka-prossesi formirlemek, teksti we şekilleri peýdalanyp gazet sahypalaryny montaj etmek.

Neşir (peçat).

Her bir jurnalistiň kompýuter redaksiýanyň kompýuter sehine birikdirilen we tabşyrylan faýl göni maketçilere düşýär. Eger-de materiýallarda şekil, surat bar bolsa, ol skanerde we fotoşop programmasy boýunça gaýtadan işlenilýär. Şekilli ýa-da reklama habarlary ýöriteleşdirilen enjamlaryň üşti bilen tutuş sahypanyň werstkasyny awtomatlaşdyrmaga we derrew kagyza ýa-da fota forma çykarmaga mümkinçilik döredýär.

Neşiri taýýarlamak onuň esasyndan tekstden başlaýar. Ony kompyuterde ýygmak kyn däl. Ÿone ilki bilen ýygymyň we fotonaboryň formatyny, şriftini we ölçegini kesgitlemeli.

Awtor wyçitkalary, korrektura işleri (peçat edilen teksti original bilen deňeşdirmek) hem ýeňilleşdi. Ÿygymyň sowatly ýerine ýetirilenligini barlamak üçin kompýuteriň orfografiýany barlamak boýunça programmasyny işe girizmeli.

Grafiki tekst sahypada şriftiň kömegi bilen görkezilýär. Şonuň üçinem biz ilki bilen garnitury saýlamaly. (şekili boýunça birmeňzeş, çyzylyşy we ölçegi boýunça kopdürli şriftleriň kompleksi). Şol bir wagtyň özünde hem şriftleri reňkleri boyunça göz öňunde tutmaly (ýagty, ýarym ýagty, ýagty) şriftleriň gyşardylyşy we ş.m boýunça gönümel, kursiw (çeper)

gysardylan, adaty, inçe, ýogyn we ş.m bu görnüşler örän köp. Şeýle hem setirdäki bellikleriň sany, ölçegi (beýikligi boýunça), kegli we beýlekiler ilki kesgitlenilmeli meselelerdir. Gazetiň tekstinde okamagy öňaýly bolar ýaly 2-3 garnituradan köp bolmaly däl. Esasy şrift gönümel, ýagty we adaty çyzgyda bolmaly. Gazetiň teksti formaty iki kwadrata, 24 punkta deň bolan kolonkalara bölünýär we ş.m.

Talyplara bu iş düzgünlerini redaksiýalarda ýakyndan, synlap öwrenmäge mümkinçilik döretmeli.

Belli-belli sözler, sözlemler, frazalar kursiw, ýagty, ýarym ýagty, probelleriň ulaldylmagy, ýazuw harplary we s.m aýratynlyklar bilen tapawutlandyrylyp bilner.

Okyjynyň gazet bilen tanyşlygy sözbaşylardan başlaýar. Şonuň üçinem sözbaşylar manysy boýunça-da, formasy boýunça-da anyk gelşikli bolmaly. Okyjy gazeti açanyndan ilki bilen surata, şekile üns berýär. Fotoşekilleri we olaryň dokumentallygy, obrazlylygy, nusgalygy sahypanyň merkezinde bolup biler. Ol okyjyny publikasiýalaryň temalaryny saýlamaga oriýentirleýär we ol gazetiň çeperçilik oformleniş serişdesi bolup durýar. Çekilen suratlar barada hem şeýle zatlary aýdyp bolar. Ol suratlar tekstiň manysyny

güýçlendirip, gyzyklandyryp okyjyny özune çekmegi başarmaly.

Habar grafikalary (tablisalar, shemalar, çyzyklar, diagrammalar) barada hem şeýle. Bu işler tekstiň ylmylygyny, dokumentallygyny, hakykylygyny tassyklaýar.

Birnäçe suratlary bir sahypada ulanmaly bolan ýagdaýynda olaryň dizaýn aýratynlyklaryna üns bermeli. Biri kiçi, biri uly suratlary bir ýerde goýmaly däl we ş.m.

Häzirki wagtda gazet materiýallaryny bloklara bölmäge, şol bir wagtda olary birleşdirmäge, tapawutlandyrmaga, okyjynyň kabul edijiligini ýeňilleşdirmäge kömek edýän markerlere (lineýkalara, bezeglere, probellere) hem üns bermek zerur. Gazet materiýallary esasynda anyk mysallaryň üstunde durup öwretmeli, sorag-jogap alysmaly.

## Surat işiniň tehnikasy we tehnologiýasy

Islendik oýlanyşykly ýerine ýetirilen maket tehniki tarapdan nähili oňat ýerine ýetirilen bolsa-da,gazetiň ýa-da žurnalyň nobatdaky sany erbet çap edilen ýagdaýynda öz hilini ýitirip biler.Şonuň üçinem

gazetiň,žurnalyň makedi çyzylanda poligrafiýa tehnikalarynyň müm-kinçilikleri hem göz öňünde tutulmalydyr.Munuň özi tipografiýa en-jamlarynyň ulananda ýüze çykyp biljek kynçylyklar göz öňünde tutu-lyp,tekstiň,suratlaryň,şekilleriň ýokary hilde çap edilmegini gazanmak üçin zerurdyr.

Tekstleriň mehaniki köpeldilmeginiň ilkinji usuly hökmünde Hytaýyň buthanalarynda **618-907-nji ýyllar** aralygynda dowam eden Tanlar denastiýasynyň höküm süren döwründe ýüze çykan ksilogra-fiýa usuly hasaplanýar.Bu usulda şekiller,harplar tagtanyň ýüzüne gü-berçek şekilinde kesilip ýasalyp,şol şekilleriň ýüzüne hem reňk çalnyp tekiz tagtalaryň ýüzüne sürtmek arkaly köpeldilipdir.Umuman taryh-da irki döwürlerde **Hytaýda,Koreýada** çap ediliş üçin dürli serişde-ler,agaç,toýun,mis ulanylypdyr.

**I etap:**Ýewropada çap etmek işiniň ýola goýulmagyny germaniýaly **Iogan Gens Fleýs Surladeniň** ady bilen baglanyşdyrylýar.Ol Gýuten-berg ady bilen tanymaldyr.Bu zergär çap ediliş usulyny,ýagny gurşuny eredip guýmak arkaly teksti ýygnamaklygy ýola goýýar.Onuň usuly boýynça harplar el bilen guýulýar we onuň özüniň oýlap tapan çapha-na stanogynda basyş arkaly köpeldilýärler.

**II etap:**Ýagny çaphana işiniň ösüşinde aýratyn orny bolan çalt çap ed-ýän stanogyň **Wridrih Kennih** tarapyndan oýlanyp tapylmagydyr. 1873-nji ýylda bu stanok oýlanyp tapylýar.Munuň aýratynlygy onda reňkler mehaniki usul bilen berlip başlanýar.Çap edýän list tegelek slindir görnüşinde bolup,ähli mehanizmler biri-biri bilen ýörite simler arkaly baglanýarlar we birlikde herekete getirýärler.**1921-nji ýylda** bolsa ilkinji **"Obset"** çap maşyny 2 taraplaýyn çap ediliş üçin oýlany-lyp tapylýar.

Şrift-metbugat işiniň esasy hökmünde .

Ýazuw üsti bilen berlen habar adamlar tarapyndan çalt kabul edilýär.Şonuň üçin hem görüş arkaly kabul edilen maglumatlar ada-myň aňynda uzak wagtlap saklanýar.Mundan başga-da ýazuwyň oňat taraplarynyň biri hem oňa täzeden seretmek,okamak mümkinçilikler. Ýokarda aýdylanlara görä gazet-žurnal dizaýny diýlende ilkinji nobat-da şriftografiýa (ýazuw grafik-sy) göz öňünde tutulýar.Gazetleriň, žur-nallaryň esasy bölegini şriftler tutýar.Olar tekst şriftleri,tekstiň atlary görnüşinde bolýarlar.Rus we latyn alfawitine esaslanýan ýazuwlarda grafiki esaslar birdir.Çünki olaň 2-si hem gadymy grek ýazuw şriftle-rinden alnandyrlar.Ilkinji latyn şrifti diňe birnäçe ýazmaça diýilýän harplardan düzülipdir.Emma wagtyň geçmegi bilen şriftler has düş-nükliräk şekillere

we dürli görnüşlere eýe bolup başlaýar. Häzir şol bir harplar basmaça ýazuwda göni görnüşde;kussir görnüşde(sag tarapa gyýşardylan);dürli nagyşlar görnüşinde ulanylýar.

Ähli şriftleri 2 topara bölmek bolar

1.Erkin görnüşli şriftler.

2.Göni görnüşli şriftler.

Bu şriftleriň tekstlerde ulanylmagy tekstiň mazmunyna görä saýlanyp alnyp,gazet ýa-da žurnal içinde köpdürliligi ornaşdyrmakda ähmiýetli-dir.Şriftiň taryhy klassifikasiýasynda(bölünişinde)esasy 3görnüş belle-nilýär.

1)Antikwa şriftleri; 2)Yegipet şriftleri; 3)Grotesk şriftleri;

Antikwada köne ýa-da gumanistik (ynsanperwerlik) şriftleri ulanylýar.Bularda şriftleriň sazlaşygy gaty göze ilmeýär.Olar biraz ýognaldylyp berilýär. Geçiji(переходной) şriftleriň sazlaşygy çäklendi-rilen,olaryň görnüşleri üçburçluga golaýlaşdyrylan.

Täze ýa-da klassyky şriftler güýçli reňk berlen,şriftler inçe we biraz uzaldylan.Öz döwründe edebi eserler öu öriftlerde köp çap edilipdir.

Ýegipet şriftleri.Gadymy ýegipet ýazuw harplaryna meňzeşligi üçin şeýle atlandyrylypdyr.

Grotesk şriftleri.Galyň görnüşde bolup,ilki diňe reklamalar,bildi-riş tagtalarynyň dizaýnlarynda ulanylýar.Grotesk diýmekligiň özi fran-suzçadan terjime edilende komiki,geň,enaýy manylaryny berýär.

Şriftlere bildirilýän talaplar.

Şriftleri ilkinji nobatda gigiýena,önümçilik, tygşytlylyk taraplaryn-dan şeýle hem çeperçilik taraplardan talaplar bildirilýär.Bu talaplar esasanam gazet-žurnallaryň tekstiniň şriftine degişlidir.Gazet-žurnal-laryň bildirýän talaplarynyň ýene biri hem onuň okamaga ukyplylygy-dyr.Hünärmenler tekstiň okamaga ukuplylygyny bildirilýän şertleri:

1.Her harpyň aýratyn beýlekilere birikdirilmän berilmegi.Olaryň galyňlygynyň we harplaryň içindäki ýagtylygyň birmeňzeş bolmagy.

## Fotožurnalistiň işiniň tehniki we döredijilik aýratynlyklary

Gazetiň ýa-da žurnalyň hemişelik elementlerine gazetiň formaty, möçberi, atlandyrylyşy,ilkinji

sahypasynyň şekili,tekst kolonkalary, tekstleriň baş atlary, surat bezegi,çyzyklar, boş ýerler degişlidirler.

Gazetiň baş sahypasynyň ýüzi metbugatyň ýa-da aýratyn alnan gazetiň ýa-da žurnalyň esasy ýüzi bolup durýar.

Gazetiň adynyň hususy aýratynlygy onuň şriftiniň ýerine ýetirilişine görä kesgitlenýär.Gazetiň ady birinji sahypanyň tutuş inine görä ýaýylýar,ýa-da onuň belli bir kalonkasynyň inine görä ýazylýar.Gazetiň ady onuň ýazylyş aýratynlygy, şrifti gazetiň ýüzi bolup,ol uzak möhlete çenli üýtgedilmeýär.

Titul-özünde gazetiň adyny,gazetiň tipini-görnüşini,şygary,sene maglumatlaryny,tertip nomerini, eger gazet hökmet sylaglary bilen sylaglanan bolsa,onuň şekilini,haçandan bäri çykarylýandygy, gazetiň bahasyny, çyzgy elementlerini, (ramkalar, suratlar,şekiller) öz içine alýar.

G azetiň tipi-görnüşi onuň ňähilidigi,ýagny jemgyýetçilik syýasy, ýaşlar, gündelik ýa-da hepdede 2;3;1; gezek çykýandygy agşamky we gündizki gazetliligi,welaýat ýa-da etrap gazetligi baradaky maglumatlardyr.

Şygar-gazetiň adyna sazlaşykly görnüşde,titulyň içinde berlip,ga-zetiň esasy ugruny,ýörelgesini kesgitleýär.

Anons-aýratyn jemgyýeti,okyjylary gyzyklandyryp biläýjek habar-laryň üns çekiji görnüşde ýerleşdirilişi.Anons-gazetiň şu sanynyň ýa-da nobatdaky sanynyň käbir gyzykly makalalarynyň ýa-da jemgyýetçilik ähmiýetli waka barada gysgaça habar ýa-da reklama.

Anşlag-iri şriftler bilen ýazylan baş at,sözbaşy.

Neşir etmek işleri her döwürde bir hili ýagdaýda bolupdyr. Gadym döwürlerde informasiýalar dürli görnüşlerde, dürli ýollaryň üsti bilen halka ýetirilipdir. Daglaryň, dereleriň, mallaryň derileriniň ýüzlerine ýazylyp halka ýetirilen habarlar hem öz döwründe uly ähmiyete eýe bolupdyr. Soňra bu wezipäni metjit-medrese işgärleri, derwüşler ýerine ýetiripdirler. Döwletmämmet Azadynyň ‘’Wagzy-azat’’ eserinde derwüşleriň ylymly-bilimli bolup, maksatly etmelidigi barada aýdylýar. Hakykatdanam, şol döwürlerde Hywa hanlygynyň, Buhara emirliginiň, Eýran şalarynyň erkinlik bermänligi üçin köp işleri derwüş üsti bilen ýerine ýetirmek mümkin bolupdyr. Tagtalaryň ýüzlerine habarlaryň oýulyp ýazylmagy we ol tagtalaryň obalaryň görnükli ýerinde asylyp goýulmagy we ş.m.

Habarlar üçin niýetlenen tagtalar toprakdan [şykgydan] ýakylyp ýasalypdyr we olaryň yüzüne gipsden ýazgylar goýulupdyr.

Umuman, peçat etmek işleri ýyl-ýyldan kämilleşip häzirki döwürde has-da uly ösüşe eýe bolýar. Olar esasan dört topara bölünip öwrenilyärler.

1.Ÿokary peçat ediliş usuly. [wysokiý peçat].

2. Çuňlaşdyrylan peçat [Glubokiy peçat].

3. Tekiz peçat [Ploskiy peçat].

4. Trafaret peçaty.

Ÿokary peçat etmek usulynda ähli peçat edyän [kagyza ottisk beryän] elementler, ştrihler, harplar, suratlar, ähli belgiler biraz ýokarlandyrylan görnüşde, probel elementleri [boş ýerler] bolsa, aşakda yerleşdirilyär. Bu görnüşde esasan gazetler, jurnallar, reklamalar we ş.m. neşir edilpdir.

Çuňlaşdyrylaň peçat bolsa, ýokary peçatyň tersine. Ÿagny bu görnüşde peçat edilmeyän elementler ýokarda bolup, peçat edilyän formalar aşakda galyar. Bu görnüşde çuňlaşdyrylan formalara-da, boş yerlere-de deň reňk urulýar. Şeýle forma kagyz güýç bilen gysylanda reňk çuňlaşdyrylan formalara geçýär we gerekli şekilleri berýär. Probeller mehaniki ýagdaýda reňksiz galýar. Neşiriň bu görnüşi çeper neşirlerde, otkrytkalarda suraty çeper neşirlerde ulanylýar.

Tekiz (ploskaýa) peçat ediliş usuly çuňlaşdyrylan we ýokary peçat ediliş usulundan peçat edilýän we peçat edilmeýän elementerliň deň hatarda durýanlygy bilen

tapawutlanýar. Bu görnüşde boş ýerleri suw bilen, peçat formalaryny reňk bilen reňkleýärler. Ýörüte ýasalan himiki suwuklyk boş ýerlere reňk aldyrmaýar we boş ýerler arassa galýar. Himiki suwuklyk hem ähli ýerlere deň çalynýar, ýöne boş ýerler çyglygy özüne gowy siňdirýärler, peçat edilýän formalar tersine çyglygy özüne kabul etmeýärler. Peçatyň bu görnüşinde çaga kitaplaryny, köp suratly, şekilli jurnallary, plakatlary, görkezme tablisalary we ş.m neşir edýärler.

Trafaret peçaty golýazmalaryň, çeper şekilleriň anyk neşiri. Bu görnüş neşiriň iň ýönekeý görnüşidir.

Häzirki döwürde neşir etmegiň gornüşleri tehnikanyň we tehnologiýanyň ýokary derejede ösmegi esasynda has kämilleşdi. Neşir tehnologiýasynyň perspektiw ugurlarynyň biri sifrowoý peçat. Bu görnüşde poligrafiýa işleri EWM-iň üsti bilen amala aşyrylýar. Bu tehnologiýanyň ofset bilen deňeşdireniňde örän köp aýratynlyklary bar.

1. Kompýuter neşiri plastina formalary ýasamak we fotoform çykarmak prosessiniň zerurlygyny aýyrýar.
2. Ýokary tizlik (dolyreňkli sagatda 100, ýeke reňkli ottiskler 400 A3 formatda)
3. Reňkli şekilleriň hilliligi.
4. Gury ottiskleri derrew alyp bolýar.

5. Neşiriň edil öň ýanyndanam teksti üýtgedip, oňa düzedişleri girizip bolýar.

Ilkinji sifrowoý ofset maşyny Indigo E-print 100 Rossiýada 1996-nji ýylda F.Fýodorowyň ("Mikrohirurgiýa glaza") göz hassahanasynda redaksiýa-neşir merkezinde guruldy.

Günbatar alymlary gazetiň geljeginiň has ösen ýagdaýda boljakdygyny belleýärler. Uly magazinlerde, wokzallarda we ş.m merkezlerde özleriniň sifrowoý neşir ediji serişdeleri bolmaly. Şeýle serişdeler Izraýilde, Belgiýada we ş.m öndürilýär. Gazet sahypalary kompýuterde ýygylýar we sifrowoý merkezlere ugradylýar. Soňra sifrowoý telekommunikasiýalaryň üsti bilen neşir ediji serişdeleriň hersine ugradylýar. Ol ýerde gerek bolan ekzemplýarlaryny isleglere görä neşir edýärler. Gazetiň aýratyn ýeke ekzemplýaryny bolsa ýeke gezek düwmäni (knopkany) basmak arkaly alyp bolmaly we ş.m.

Şeýle hem kompýuteriň üsti bilen elektron neşiri (poçtany) edinip bolýar. Munda okyjy islän neşirini, islän materiýalyny oz öý kompýuterine sargyt etmek bilen alyp bilýär we ş.m.

Neşiriň ýene-de bir ösen görnüşi dünýäniň kompýuterlerini özüne birikdirýän Internetdir. "Web" ýa-da "Pautinany" ulanmak bilen, okyjy öz islän

materiýalyny tapyp bilýär. Häzirki wagtlarda şahsy gazetleri döretmek barada, ýagny her bir okyjynyň öz kompýuterinde onuň isleýän habarlarynyň, materiýallarynyň islän formatynda, formasynda alyp bilýär we ş.m.
Peçat neşirleriniň her günki önümçiligi gazet redaksiýalarynyň esasy işleri, aladalary esasynda döredilýär. Her günki neşiriň jogapkärçiligi baş redaktoryň ýolbaşçylygynda "redaktor-redaktoryň orunbasary-bölüm müdiri-habarçy" zynjyry esasynda alnyp barylýar. Redaktor gazetiň her günki sanyna göýberilmeli okalan materiýallary barlaýar, gazetiň çykmaly sanyna doly gözegçilik edýär, taýýar bolan sahypalara gol çekýär. Ol bu zatlardan başga-da adminstratiw işleri ýerine ýetirýär. Redaksiýanyň ykdysady, nul-hojalyk işlerine yolbaşçylyk edýär. Işgärleriň aylyk hakyny, galan hakyny kesgitleýär. Redaksiýanyň köpçülikleýin çarelerini, gazetiň baýramçylyk sanlaryny, çärelerini, kollektiwiň dabaraly ýygnaklaryny we ş.m çözýär. Uly gazetlerde redaktoryň orunbasary redkollegiýanyň köp meselelerini, ýygnaklaryny özi alyp barýar. Gazet sanlarynyň, hepdelik, aýlyk ýygnaklarynyň meselelerine, nobatçy bellemek işlerine we ş.m ýardam edýär. Gazet çykarmagyň guramaçylyk-tehniki işleri sekretariýat

seredýär. Jogapkär sekretar planlaşdyrma, meýillesdirme, galam hakyny (ganorary) paylama işlerini ýerine ýetirýär. Jogapkär sekretaryň orunbasary maketi düzmek, şekilleri we tekstleri ýygnamak we redaktirlemek, çykyp duran gazetiň sahypasynyň werstkasyny we korrekturasyny barlamak we ş.m işleri ýerine ýetirýär. Has dogrusy gazetiň tipografiýadan geçişine, werstka işleriniň hiline, korrektura işlerini we ş.m doly gözegçilikden geçiripsekretariýata we redaktoryň bölümine tabşyrmaly. Gazetiň sanynyň signal”, birinji sanyna gol çekýär. Şondan soň gazetiň doly çykmagyna ygtyýar berilýär.

## Fotožurnalistiň döredijilik işiniň etiki we hukuk esaslary

Harplara forma berlende umumy tekstiň wajyp manysynyň käbiriniň şrifti üýtgeýär.Bu üýtgedilme makalanyň okyjynyň ünsüni çek-mäge kömek edýär.

**Kursiw bilen ýazmak näme gerek?**

1.Harplaryň formasy.

2.Sözleriň aşagy çyzylýar.

Eger-de şrift deň bolsa,hökman garalanyňda-da esasy teks-tiň şriftini saklamaly.Köplenç rubrikalaryň

aşagy çyzylýar.Makalanyň sözbaşylary,makalanyň podteksti ýaly bolup gelýän söz, sözlemleriň aşagy çyzylýar.Kä ýagdaýlarda harplaryň şriftleriniň ulaldylmagynyň tersine,kiçeldilip,reňki öçügsi ýazylýar.Ilki bilen ýeri tygşytlamak,ma-kalanyň içinde has wajyp däl ýerlerini görkezmek üçin ulanylýar. Kolonkalar inçe hemem ýogyn(1 kolonka derek 2-3 kolonka)edip bolýar. Ol okyjynyň ünsüni ýadatmazlyk üçindir.

Teksti ramkanyň içinde berseň, onuň ähmiýeti uly bolup,has owadan bolýar.Ramka açyk reňkli bolsa,içini açyk şriftde-de etmeli. Eger ramka gaty gara bolsa,ol matam habar ýaly bolýar.

Gazetlerde suratlar bilen köplenç jogapkär kätipler işleşýärler. Köp suratly žurnallarda ýörite **fotobölüm** bar. **Fotohabarçy** redaksiýanyň maksatnamasy bilen ylalaşykly işlemeli.Ýurtda bolup geçýän çäreleri ünsden düşürmeli däl. Eger gazetde fotobölüm bolmasa, fotohabarçy habarlar bölümi bilen habarly bolmaly. Suratyň manysyna, hiline, syýasy tarapyna, tehniki tarapyna seredip çap etmeli .Surat redaksiýa gelende:

1.Suratyň alnan senesi;

2.Nirede düşürildi;

3.Suratdaky adamlaryň doly ady we familiýasy;

4.Eger gapdalyndan tekst getirilen bolsa, ol hökman anyk bolmaly;
5.Suratçynyň doly maglumaty;
Çap edilýän suratlaryň ölçegleri 13-18 we 18-24 sm bolmaly.

Bular ýurduň içindäki habarlary welaýatlardan, şäherlerden TDHG-nyň habarçylary tarapyndan dürli temadaky taýýarlanan materiallardyr. Oba hojalyk ykdysadyýetr medeni we sosial meseleler hakyndaky habarlar.

Foto suratlaryň meýilnamalaşdyrylşy.

Resmi hem-de tematiki foto suratlar degişlidir.
TDH-da materiallar türkmen dilinde we rus dilinde gutarnykly görnüşde taýýarlanylýar. Türkmen dilindäki materiallar rus diline geçirilip gutarnykly teksti taýýarlanylandan soň türkmen diline terjime edilýär. Gullug materiallaryň gutarnykly teksti 2 dilde taýýarlanyp goýberiş bölümine tabşyrylýar. Ol ýerde materialyň türmençesi we rusçasy degişli rekadaksiýara iberilýär.

TDH gullugynyň fotosurat bölümi resmi we tematiki fotosuratlar taýýarlap redaksiýalara iberýär.

Resmi fotosurat örän operatiw ýerine ýetirilýär. Şonuň üçin fotosurat bölüminde ýörite fotosuratçylar we terjemi bölüminde ýörite terjimeçiler iýleýärler.

## Radioýaýlymyň işiniň guralyşy

Her bir redaksiýa hepdäň başynda önümçilik maslahaty geçirilýär. Oňa lituçka diýilýär. Oňa öňünden taýýarlyk görýärler. Taýýarlykda bellen radio redaktory radionyň hepde-de ýaýlyma berlen gepleşiklere syn berýär hem-de öwgüli we tankydy bellikleri aýdýar. Öwgüli gepleşigiň näme üçin gowylygyny delillendirýär.

Önümçilik maslahatda:

Talaby ödemedik gepleşige bellik edilýär;

Gepleşiklere syn edilende onuň operatiwligine seredilýär;

Indiki hepde-de ýatdan çykan tema boýunça haýsy meseläni gozgamalydygy barada teklip aýdýar.

Çykyş eden awtorlar ýagny syýasy synçylar, edebi işgärler, medeniýet-sungat işgärler otklikleriň eýeleri barada bellikler;

Önümçilik maslahaty alyp baryjy, ýaýlymyň başlygy ýa-da baş redaktory önümçilik maslahatyny jemleýär.

Häzirki wagtda Watan, Çar tarapdan, Miras, Owaz radio ýaýlymlary bar. Her radio ýaýlymlaryň öz ugurlary boýunça ýörüte bölümleri bar. Her bölümiň öz ugry boýunça-da birnäçe gepleşikleri bar. Her radio ýaýlymyň öz meýilnamasy bar. Meýilnama esasan hepdelik taýýarlanýar. Soňra ýüze çykan gündelik meseleler hem meýilnama girýär. Hepdelik meýilnamalarda näme hakynda hem-de kimler bilen gepleşik taýýarlanjakdygy hökman aýdylýar. Meýilnama esasynda redaktor gepleşigiň tekstini taýýarlaýar. Ulanyljak ses ýazgylary, çykyşlar näçe minut boljakdygy öňünden kesgitlenilýär. Bölümiň müdiri gepleşigiň tekstini okap öz belligini aýdýar. Baş redakto okap belligini aýdan soň gepleşik ses režisýoryna berilýär. Ol gepleşigiň niresinde aýdym-saz berilmelidigini belleýär.

## Radio öýi we onuň enjamlary

Häzirki döwürde 4 sany radioýaýlym bar:

I. Watan
II. Miras
III. Çar tarapdan
IV. Owaz

Radioýaýlymyň bölümleri bar. Her bölümiň gepleşikleri bar. Radioýaýlymyň gepleşikleri öňüden miýilnamalaşdyrylýar. Olar esasan hepdelik ýa-da gündelik taýýarlanylýar. Şol meýilnamalary 1 hepde ozal bölüm müdürleriniň gatnaşygynda baş redaktor tarapynda tassyklanýar. Şonda kimleri çagyrmalydygyny hökman aýtmaly. Gepleşigiň dowamlylygy näçe wagt bolmaly.

Meýilnama esasynda ýaýlym redaktorlary gepleşigiň tekstini taýýarlaýarlar. Ulanyljak ses ýazgylary çykyşlar esasynda näçeräk bolmalydygy kesgitlenilýär. Ÿaýlymda redaktor teksti taýýar edenden soň kompýuterde çap edýär.

Bölüm müdiri teksti okap belligini edýär. Baş redaktor okap belligini edýärde radionyň ýolbaşçylaryna okadýar. Tekst taýýar bolandan soň gepleşik ses režisýoryna berilär. Ol gepleşik niresinde aýdym-saz berilmelidini belleýär.

Her bir redaksiýa hepdäň başynda önümçilik maslahaty geçirilýär. Oňa lituçka diýilýär. Oňa öňünden taýýarlyk görýärler. Taýýarlykda bellen radio redaktory

radionyň hepde-de ýaýlyma berlen gepleşiklere syn berýär hem-de öwgüli we tankydy bellikleri aýdýar. Öwgüli gepleşigiň näme üçin gowylygyny delillendirýär.

Önümçilik maslahatda:

Talaby ödemedik gepleşige bellik edilýär;

Gepleşiklere syn edilende onuň operatiwligine seredilýär;

Indiki hepde-de ýatdan çykan tema boýunça haýsy meseläni gozgamalydygy barada teklip aýdýar.

Çykyş eden awtorlar ýagny syýasy synçylar, edebi işgärler, medeniýet-sungat işgärler otklikleriň eýeleri barada bellikler;

Önümçilik maslahaty alyp baryjy, ýaýlymyň başlygy ýa-da baş redaktory önümçilik maslahatyny jemleýär.

Häzirki wagtda Watan, Çar tarapdan, Miras, Owaz radio ýaýlymlary bar. Her radio ýaýlymlaryň öz ugurlary boýunça ýörüte bölümleri bar. Her bölümiň öz ugry boýunça-da birnäçe gepleşikleri bar. Her radio ýaýlymyň öz meýilnamasy bar. Meýilnama esasan hepdelik taýýarlanýar. Soňra ýüze çykan gündelik meseleler hem meýilnama girýär.  Hepdelik meýilnamalarda näme hakynda hem-de kimler bilen gepleşik taýýarlanjakdygy hökman aýdylýar. Meýilnama esasynda redaktor gepleşigiň tekstini taýýarlaýar. Ulanyljak ses ýazgylary,

çykyşlar näçe minut boljakdygy öňünden kesgitlenilýär. Bölümiň müdiri gepleşigiň tekstini okap öz belligini aýdýar. Baş redakto okap belligini aýdan soň gepleşik ses režisýoryna berilýär. Ol gepleşigiň niresinde aýdym-saz berilmelidigini belleýär.

Radioda ýaýlyma goýberiş bölümi, Gepleşigiň ikinji gezek berlişi.

Goýberiş bölümi ähli gepleşikleri ýaýlyma goýberýän bölüm. Goýberiş bölümi belli-belli günlere bölünen redaktory hem-de režisýory bolýar. Ýaýlyma berilýän gepleşikler diňe akt diýem kagyza bellenen jogapkär adamlaryň goly, goly çekilen degişli bölümleriň möhri goýlan ýagdaýynda gepleşik kabul edilýär.

Bellenen adamalr – jogapkär redaktor bölüm müdiri, jogapkär sekretar, ýaýlymyň başlygy, tehniki bölüm.

Tehniki bölüm – ýörüte gepleşigiň arassalygyny barlaýan bölüm. Bu bölüm gepleşigiň tehniki ýagdaýyny öz üstüne alýar.

## Radioýaýlymda ses ýazgysy we efire goýberilişi

Radioýaýlym ulgamy ýurduň ses arkaly habar beriş ulgamynyň bir görnüşidir.Radioýaýlymlar aşakdaky usullarda efire goýberilýärler:

-radioýaýlym çeşmeleri(studiýalar).Olar ses ýazyjy we goýberiji apparatlar bilen enjamlaşdyrylan bolup,çastotalar(ses yrgyldylary)arkaly ýaýradylýar.

-elektrik signallary arkaly ýaýradylmagy.Birikdirijiler,simler arkaly ýö-rite stansiýalaryň üsti bilen ýerlere radioýaýlymlaryň ýaýradylmagy.

-kabul ediş bogunlary.(Ilatda radiosignallaryny kabul edijileriň-radio-priýomnikleriň bar bolan görnüşlerine görä).

Radioýaýlymlaryň görnüşleri,habaryň signala öwrülmegi hem-de bu signalyň işlenilişi,ýaýlyma goýberilmegi,soňky netijede bolsa kabul edilen signala görä habaryň ses görnüşine öwrülmegi arkaly kesgit-lenýär.Goýberilýän signalyň görnüşlerine görä “mono”we”stereo”ses goýberijileri ulanylýar.Ulanylýan modelýasiýa ýagny ses yrgyldylary-nyň ýygylygyna görä DB;SB;KB;UKB;UKD çastotalary-ses yrgyldylary-nyň ýygylyklary ulanylýar.Radioýaýlymlaryň ulgamy,şeýle-de bir ýaý-lym üçin ulanylýan çastotalaryň sany boýunça biri-birinden tapawut-lanýar.Bir radio ýaýlym bir ýygylygy ýa-da bir wagtda birnäçe ýygyly-gy ulanyp

bilýär.Radioýaýlymlaryň gepleşikleriniň häsiýetleri ýagny olarda ulanylýan ses enjamlarynyň görnüşleri köpdürlidir.Olaryň ilkin-jisi:Ses-ses arkaly habarlar,çeper okaýyşlar,bildirişler,reportažlar,ko-mentariýalar(teswirleme)radio oýunlar berilýär.

Saz-halk saz gurallary,ýaşlar üçin niýetlenen gepleşiklerde goýberilýän saz gurallary.

Garyşyk-radiogepleşikleriň bu görnüşinde ses,saz,çeper edebi okaýyşlar dürli görnüşli kompozisiýalar ulanylýar.Niýetlenişine görä radioýaýlymlar ýurduň öz içi üçin we daşary ýyrtlar üçin niýetlenen gepleşiklere bölünýärler.Şeýle-de radioýaýlymyň ýaýraýan ýerlerine görä radiogepleşikler merkezi we ýerli gepleşikler diýen toparlara bölünýärler.Türkmenistanda radioýaýlymlar seti(toplumy)diňleýjiler üçin oňaýly bolan wagtlara niýetlenen radiogepleşikler programmasyna görä işleýärler.

Radiogepleşikleriň guramalarynyň esasy 6 etapy bellenilýär:

1) gepleşigiň taýýarlygy
2) ses signallarynyň,elektrik signallara öwrüliş prosesi
3) efire berlişi(göni ýa-da ýazgy edilip gepleşigiň goýberilişi)
4) gepleşigiň bölünişi

5) goýberiş kanallary arkaly ýaýradylyşy
6) diňleýjiler tarapyndan kabul edilişi.

1926-njy ýylda efire radiogazediň birinji sany çykýar, ol 20-nji ýyllarda jemgyýýetçilik-syýasyhabar berişligiň esasy görnüşi bolupdyr. Gepleşikleriň jemgyýetçilik gatlaklaryna bölüniş alamatlary peýda bolýar: „Krestýanskaýa radiogazeta“, „Raboçaýa radiogazeta“ we başgalar, soňra komsomollar, pionerler, gyzyl esgerler üçin. Adatça bu gepleşikler degişli neşirleriň žurnalistleri tarapyndan taýynlanylypdyr.

1925-nji ýyla çenli Sowetler döwletiniň merkezi habar beriş gullugynyň işini öňküsi ýaly, gurluşy hemişe giňeýän we kämilleşýän ROSTA ýerine ýetiripdir. Onuň bölümleri respublikalarda we guberniýalarda hereket edipdir, korrespondent nokatlary ýurduň iri şäherleriniň hemmesinde, dünýäniň uly döwletleriniň paýtagtlarynda açylypdyr. 1925-njji ýylyň iýul aýynyň 10-yna SSSR-iň Ýerine Ýetiriji komitetiniň we Halk komissarlarynyň Geňeşiniň Prezidiumy Sowet Soýuzynyň Telegraf Agentnligi (TASS) baradaky düzgünnamany tassyklaýar. „Bütin Sowet Soýuzy boýunça we daşary ýurtlarda syýasy, ykdysady, söwda we islendik beýleki umumy bähbitli maglumatlary ýaýratmak“ onuň üstüne ýüklenilipdir. Şundan soň ROSTA Orsýet

Federasiýasynyň Agentligi bolýar, 1935-nji ýylda bolsa ýapylyp, onuň işi TASS-a geçirilýar.

Täze ykdysady syýasatyň amala aşyrylmagy bilen, W.I. Lenin önümçilik propagandasynda neşirleriň uly ornunyň bardygyny öz eserlerinde belläp geçýär. Ol gazedi „köpçüligi sowatly etmegiň, olara durmuşy öwretmegiň we öz hojalygyňy gurmagyň ýaragy“ diýip atlandyrypdyr. Ykdysadyýet, önümçilik, hojalyk başlangyjy temalary merkezi we ýerli neşirlerde has giň beýan edilip başlapdyr. Ýurduň hojalygyny dikeltmekdäki üstünlikleri wagyz etmek – ýangyç we ulag kynçylyklaryny ýeňip geçmek, açlyk bilen göreş, ýurdy elektrikleşdirmegiň meýilnamasyny durmuşa geçirmek (GOELRO), söwdanyň ösdürilmegi, içerki bazary gaýtadan dikeltmek, hojalyk hasaplaşygynyň girizilmegi we beýlekiler geleňsiz ýolbaşçylaryň we ýerine ýetirijileriň ýiti tankydy bilen utgaşýar. Gazetlerde redaksiýanyň tankydy çykyşlary boýunça kabul edilen anyk çäreler barada okyjylara gürrüň berýän hereketlilik bölümleri („Prawdada“ ol „Sila raboçeý peçati“ diýip atlandyrylýar) açylýar.

20-nji ýyllaryň başynda partiýa-sowet neşirleriniň alyp barýan çäreleriniň sanyna SSSR-iň taýýarlanylmagyny we döredilmegini goşup bolar. Onuň döredilmegi 1922-nji ýylyň dekabr aýynyň 30-yna jar

edilýär. Şu hadysa bilen baglylykda milli döwletliligi formirlemek, milli syýasat, soýuz şertnamasy ýaly konseptual häsiýetli meseleleri şöhlelendirmek dowam edýär. Şeýle-de, milli respublikalaryň durmuş-ýaşaýşy barada jikme-jik gürrüň berlipdir.

20-nji ýyllarda partiýa durmuşynda aýanlyk ýörelgesiniň ulanylmagy SSKP-niň taryhynda ilkinji gezekki ýagdaý bolýar. Bu aýanlygyň esasy ýollarynyň biri-de 1919-1929-njy ýyllarda çap edilen „Izwestiýa SK“ žurnaly bolýar. MK-niň we onuň ähli bölümleriniň hasabatlary, Syýasy býuronyň we Guramaçylyk býurosynyň meýilnamalary bilen bir hatarda, bu ýerde MK-niň kabul edýän kararlarynyň, çözgütleriniň we gözükdirmeleriniň hemmesi çap edilipdir. Partiýa hataryndan çykarylan agzalaryň sebäbi görkezilmek bilen olaryň atlaýyn sanawy çap edilýär, onuň hataryndaky gozgalaňlar barada (şunuň ýaly ýagdaýlar şol wagt az bolmandyr) gürrüň berilýär.

## Teleýaýlymyň işiniň guralyşy

**“Altyn asyr”, “Miras”, “Türkmen owazy”, “Ýaşlyk”, “Türkmenistan” teleýaýlymlary**

Teleýaýlymyň her birinde önümçilik maslahaty geçirilýär. Önümçilik maslahaty adatça hepde-de bir sapar geçirilýär. Önümçilik maslahatyna teleýaýlymyň döredijilik işgärleri, ýolbaşçylary gatnaşýarlar. Önümçilik işinde öňki bellenen synçy ýolbaşçylyk edip, bir hepdäň dowamynda teleýaýlymda giden gepleşiklere baha berýär. Radio ýaýlymyň önümçilik maslahatyndan tapawutlylykda teleýaýlymyň diňe bir tehniki mazmuny däl eýsem gepleşigiň operatoryna, režisýoryň zähmetine baha berilýär. Gepleşige baha berlende ýene bir göz öňüne tutulmaly zatlaryň biri gepleşikde çykyş adamlaryň keşbi hem-de temanyň gepleşik hem-de teleýaýlym bilen baglylygy tele gepleşige syn berýän synçy gepleşigiň gowy çykan taraplaryny hem-de tankydy belliklerini bellemek bilen bilelikde telegepleşigiň şu tankydy tarapyny düzetmek hem-de onuň hilini gowulandyrmak üçin teklipleri aýtmagy hökmandyr hem-de geljekde beýleki gepleşikleri gowulandyrmak üçin synçynyň teklipleri hökmany ýagdaýda aýdylmalydyr. Synçylar režisýoryň gepleşikde aýdymy, sazy ýerinde ulanyşy operatowyň hudožnigininiň işine baha berip, peýdaly maslahatlar bilen çykyş etse önümçilik maslahatynyň netijeligigi şonçada artýar.

Telewedeniýe boýunça haýsyda bolsa bir temadan gepleşik taýýar bolansoň radio ýaýlymda bolşy ýaly redaktor gepleşige boýdan-başa seredýär. Ondan soň gepleşige bölǖm mǖdiri baş redaktor käbir gepleşik temasyna möhǖmligine görä seretmek ǖçin teleýaýlymyň başlygyna berilýär. Gepleşik gutarnykly taýýar edilen soň gepleşide Hödǖnama ýazylýar we ýazgyly kasseta ýaýlyma goýberiş bölǖmine tabşyrylýar. Her teleýaýlymyň goýberiş bölǖmi bar. Ÿaýlymyň goýberliş bölǖminde ýazgyly kasseta tabşyrlanda oňa Hödǖrnama ýazylanda esasan şulara ǖns bermeli:

1. Gepleşigiň başlanýan belgisi.
2. Gepleşigiň gutarýan belgisi

Hödǖrnama dǖzǖmine jogapkär ýolbaşçy rugsat berýär we gol çekýär. Şeýle hem gepleşigiň tehniki tarapdan ýaýlyma ýaramlydygy barada bellik bolýar. Taýýarlanan gepleşik teleýaýlyma gidende redaktor jogapkäçilik çekýär.

Her teleýaýlymyň meýilnamasy içinde hereket edýän bölümiň meýilnamasyna görä hepdelik düzülýär we teleýaýlymyň baş redaktorynyň soňra başlygynyň gol çekilmegi netijesinde herekete girýär. Käwagt gepleşik ýaýlyma çykýan wagtynda ýa-da döwlet derejesindäki syýasy wakalar ýa-da baýramçylyklar babatda gepleşikde meýilnamadan çykylýar. Şeýle ýagdaýda

hökmany suratda teleýaýlymyň ýolbaşçylary habarly edilmelidir. Egerde gepleşigiň içinde gitjek käbir materiallaryň hökmany suratda aýrylmagy bilen gepleşigiň gepleşige ýetişdirip ýerine goýar ýaly gepleşigiň temasyna gabat gelýän we hiç wagt könelmeýän we döwrebaplygyny ýitirmeýänç gaýtalanmaga mümkinçiligi bolan material saklanmaly.

Gepleşige alyp baryjy tapmak – ol gepleşigiň temasyna gabat gelmeli. Aýal ýa-da erkek adamynyň gepleşik alyp barmagy olam gepleşigiň tematikasyna bagly. Islendik taýýarlanýan gepleşik döwre görä bolmaly. Alypbaryjylaryň daş keşbi ýakymly bolmaly. Sport gepleşigini erkek adam alyp barsa gowy bolar. Miras teleýaýlymyndaky milli geýimler, kürte milli lybaslar baradaky gepleşikleri aýal adamlar alyp barmaly. Ir säher bilen efire gidýän gepleşikleri aýal adam alyp barsa gowy hasaplanýar. Sebäbi türkmen hojalygynda ilki öý bikesi turup ertirlik taýýarlaýar ýa-da telewizora seretýär. Türkmen däp-dessurlarynda hem aýallar ir turup işinden dynýan hasaplanýar.

## Teleýaýlym merkeziniň gurluşy

Tūrkmen telewideniýesiniň 5 sany ýaýlymy bar:

1. Altyn Asyr
2. Ÿaşlyk
3. Miras
4. TV 4
5. Tṻrkmen owazy

Şu teleýaýlymlar biri-birine bagly bolman özbaşdak işleýän teleýaýlymlar. Olaryň özbaşdak bölṻmleri bar.

ALTYN ASYR – Watan habarlar gepleşigi .

Ÿaşlyk – bölṻmleri Syýsat

MIRAS teleýaýlymyň bölṻmleri Şahandar, " Mirasym – ruhy baýlygym "

TV 4- teleýaýlym bölṻmleri bar. Her teleýaýlymyň miýilnamasy hepdelik dṻzṻlýär. Emma biziň pikirimizçe ol her aýlyk dṻzṻlse oňat bolýar. Miýilnama boýunça her bir gepleşigiň dowamlylygy gepleşikdäki kadrlaryň sanyna görä ölçenýär. Gepleşikde 2-6 kadrlar bolup biler. Meýilnamalar bir hepde öň başredaktor tarapyndan tassyklanylýar.

Meýilnama:

1. Hudožnigiň wezipesi.
2. Gepleşigiň temasyna laýyklykda studiýanyň olaryň oturmaly ýerleriniň görkezilşi.

Hudožnik studioda ýazgy geçiriljek gṻnṻne çenli öňṻnden köp işleri etmeli bolýar. Ol studiýany ýazga taýýarlaýar.

I. Eger-de ýazga 1 adam gelýän bolsa studiýa bir hili taýýarlanylýar.
II. Eger-de studiýa köp adam gelýän bolsa onda başga gönüşde taýýarlanylýar.
III. Hudožnik gepleşigiň mazmunyna, temasyna laýyklykda studiýany bezeýär.
IV. Režisýor bilen bilelikde hudožnik çykyş etjek adamyň üst-başyna nähili, nirede oturmalydygyna gözegçilik edýär.

Kassetanyň timarlanyşy

1. Kassetadaky ýazgyny başga kaseta geçirilşi.
2. Saz bezegi.
3. Kassetanyň montažynda redaktoryň hyzmaty.

Gepleşik surata düşürilip bolandan soň montaž otagynda tehniki işgär tarapyndan redaktoryň gatnaşmagynda surata düşürilen kasetadan başga bir kaseta göçrilip timarlanýar. Soňra redaktoryň gatnaşmagynda režisýor bilen gepleşik gutarnykly taýýarlanýar. Režisýor şol ýerde gepleşigiň niresine haýsy zady bermelidigini kesgitleýär. Gepleşik taýýar bolandan soň redaktor gözden geçiriji bilen bilelikde gepleşige boýdan- başa seredýär. Gepleşik taýýar bolandan soň redaktor gözden geçiriji bilen bilelikde täzeden gepleşige seredýär. Gepleşik bölüm müdirine, baş redaktora eger sorasa telewedeniýaň baş redaktoryna

gözden geçirmek üçin berýär. OlaryN bellikleri nazara alnyp gepleşik gutarnykly taýýar edilenden soň edil radiodaky ýaly hödürnama ýazylyp ýa\lyma goýberiş bölüme tabşyrylýar. Hödürnama ýüzünde jogapkär ýolbaşçynyň rugsat berýän goly bolmaly. Gepleşigiň başlanýan gutarýan beggisi näçe mintdygy takyky görkezilýär.

Telewideniýede gepleşikler studianyň özünde surata düşürilýär. 2-si göçme ýagdaýda wakaň ýerinde. Ÿörite topar düzülip uly maşynly mikrofon aparatly. Gepleşikleriň maksady wezipesi anyklanylýar. Soň topar döredilýär. Telewideniýede surata düşürmek ýazgy etmek üçin ýörite topar düzüýär. Telewideniýe studiýasynda surata düşürmek üçin ýörite düzülen toparyň düzümine gepleşigi taýýarlamak üçin redaktor, režisýor, ses režisýor adminstratordan teleoperatorlarynda tekniki işgärlerden, hudožnikden ybarat ýörite topar düzülýär. Topara esasan redaktor bilen bile režisýor ýolbaşçylyk edýär. Ÿöne gepleşikde kimler çykyş etjekdigi redaktor çözýär. Režisýor bolsa şol adamyň gepleýiş ukyby, daş görnüşiňe seredýär.

Teleýaýlymda gepleşigiň başga ýerde geçirilşi.

Meýilnama:

1. Gepleşigiň tema boýunça saýlanylyp alnan ýerini kesgitlemek.

2. Ulaga, telekamera talapnama ýazmak.

Teleýaýlymda gepleşigiň başga ýerinde ýagny studiýadan daşary geçiren sagatlary az bolýar. Şonuň ṻçin gepleşigiň temasy boýunça haýsy ýerde telegepleşik geçirmelidigini öňṻnden kesgitlýär.

Gepleşikde kimleriň çykyş etmelidigi öňṻnden anyklanylýar

Başga ýerde ýazgy ediljek gepleşige redaktordan başga haýsy telekameranyň gitjekdigi anyklanylýar. ReZisýor anyklaýar soňra gepleşigiň redaktory ýanyna operatory režisýory tehnik işgäri alyp bellenen ýere gidýär.

Gepleşik ṻçin ulanyljak kameranyň sany gepleşgiň göwrṻmine wagtyna baglylykda berilýär. Eger gepleşik uly göwrṻmli köp wagtyň dowamynda ýazgy edilmeli bolsa onda 4-5 kameraly ýöriteleşdirlen göçme teleýazgy ediji maşyn berilýär. Oňada talapnama ýazylýar. Şeýlelikde başga ýerde geçirilýän ýazgy ṻçin uly topar bolup bilýär. Ÿazgy geçirlenden soň gepleşigiň kassetasy başga kasseta göçṻirlýär, timarlanylýar. Gepleşigiň redaktor bölṻm mṻdiri teleýaýlymyň ýolbaşçylary gözden geçirip tassyklandan soň gepleşik ýaýlyma goýberiş bölṻme tabşyrylýar. Şondan soň gepleşigiň ady dowamlylygy haçan gitmelidigi görkezilýär.

Teleýaýlymda önṻmçilik maslahaty.

Teleýaýlymyň her biride önṻmçilik maslahaty geçirilýär. Önṻmçilik maslahaty adatça hepde-de 1 gezek bolýar. Önṻmçilik maslahatyna teleýaýlymyň döredijilik şgärleri ýolbaşçylary gatnaşýar.Önṻmçilik maslahatynda ozaldan bellenen synçylar çykyş edip 1 hepdäniň dowamynda teleýaýlymda giden gepleşiklere baha berýärler. Radio ýaýlymyň önṻmçilik maslahatynda tapawutlykda teleýaýlymda gepleşikleriň diňe bir mazmuny dä tehniki taraplaryny, operatorlara ses režisýorlarynyň hudožnik işgärlerinede baha berilýär.Telegepleşikleriň şowly çykanlaryny bellemek bilen birlikde gowşak taýýarlanylan telegepleşikleri aýtmaly. Geljekde gepleşikleriň hilini ýokarlandyrmak ṻçin nähili çäreleriň görṻmelidigi barada öz pikiriňi aýan etmeli. Önṻmçilik maslahatynda gepleşik taýýarlamakda teleýaýlyma gepleşikleri goýbermekde ýol berlen säwlikler barada köpräk aýdylýar. Synçylar režisýoryň gepleşikde aýdymy sazy ýeride ulanşyna Operatoryň, hudožnigiň işine baha berip peýdaly maslahat bilen çykyş etse önümçilik maslahatynyň netijeliligi şonçada ýokary bolýar. Teleýaýlymda önümçilik maslahatynyň soňunda ýolbaşçylaryň biri önümçilik maslahatyny we omdaky çykyşlary jemleýär we geljekki  hepde-de öňde duran wezipesi kesgitleýär.

## Emeli hemralar arkaly goýberilýän teleýaýlymlar we sanly teleýaýlymlar

Telewideniýe ýokary tehnalogiýanyň önümi bolup,ol ilki dörän döwründen KHB ulgamynyň tehniki serişdesi hökmünde ýüze çykýar. Radioýaýlymlar ýaly telewideniýe hem aragatnaşyk ulgamynda möhüm zynjyrlaryň biri bolup durýar.XXI asyrda telewizion tehnalogi-ýalary adamlaryň durmuşyna mäkäm ornaşyp olaryň täsiri uludyr . Şonuň üçin telewideniýäni halklary medeni gymmatlyklaryndan aýry göz öňüne getirmek

mümkin däl.Çünki telewideniýe medeniýetiň ösüşiniň bir görnüşi hökmünde adam durmuşyna ornaşdy.

Efir telewideniýesi-signallaryň telediňler arkaly ýaýradylmagy.Bu usul 1949-njy ýalda ABŞ-ň Penselwaniýa ştatynda gurlan telediňden öz gözbaöyny alyp,onuň ýaýraýyş giňligi çakli bolýar.Bu usulda bir diňden beýleki diňe telesignallar iberilýär.Ilat bolsa ol signallary ýöri-te antenalar arkaly alýar.

Kabel telewideniýesi-kabel geçirijileri arkaly telesignallaryň ýaýradylmagy.

Sputnik telewideniýesi-emeli hemralar,ýagny ýörite telewizion gurluşly enjamlaryň ýeriň golaýyndaky giňişlige çykarylmagy arkaly telesignallaryň ýaýradylmagy.Bu usuldaky gepleşikler özleriniň howa şertleriniň garaşsyzlyklary we hilleriniň belli bir derejede oňatlygy bilen tapawutlanýar.

Telewizor sputnigi kosmiki platformadan we peýdaly ýüklerden durýar. Sputnigiň umumy agramy 2500=3000 kilogramdan, peýdaly ýüküň agramy 450-500 kilogramdan ybarat bolýar. Sputnigiň hereket edýän traektoriýasy orbita atlandyrylýar. Sputnigiň erkin uçuşy döwründe, ýagny onuň reaktiw dwigatelleri öçürilen wagtynda hereket grawitasion güýçleriň täsiri astynda esasan hem, ýeriň çekiş güýjüniň täsiri astynda bolup gesýär.

Teleradio ýaýlymlaryny goýberýän sputnik ulgamyny iki topara bölmek bolar. Olar: Tolkunlary ýazyp alyjy-kabul ediji gulluklar we iberiji gulluklar.

Tolkunlary ýazyp alyjy-kabul ediji gulluklar-ýerdäki iberiji stansiýalar bilen sputnikleriň arasyndaky aragatnaşyklary amala aşyryjy gulluklar.Bu ulgamyň kömegi bilen ýaýlymlaryň göni we gytaklaýyn alnyp berlişi amala aşyrylýar. Ýaýlymlar göni alnyp berlende hiç hili aralykdaky bölüji ulgamlar ulanylmaýar. Ýaýlymlar gytaklaýyn alnyp berlende beýleki ýerüsti torlar: radio liniýalary, kabel magistrallary arkaly paýlanýarlar.

Tolkunlary iberiji gulluklar:

## Internetiň tehnikasy we tehnologiýasy

Kompýuterler sanly gurluşlar bolup, olarda habarlary ýaýratmak üçin iki sifrden ybarat sanlar(bitler) ulanylýar. Komýuter tory boýunça maglumatlary ýaýratmak şaol bitleri alyp beriji abzallaryň: elektriki we optowolokon kabelleriň, radiosignallaryň, mikrotolkunly diapozon signallaryň, infrogyzyl we lazer yşyklarynyň üsti bilen şol bitleri ýaýratmak arkaly amala aşyrylýar.

Häzirki döwürde kompýuter tehnologiýalarynyň esasynda habarlary ýaýratmak meselesi ähli ugurlarda giňden ýaýrady. Ilki komýuterler belli bir ulanyjyny ýa-

da ulanyjylary biri-birlerine birikdirip, diňe şolaryň özlerine zerur bolan maglumatlary almaklary, ýaýratmaklary üçin ulanylan bolsa, soňky wagtlarda olaryň kuwwatlylyklarynyň we mümkinçilikleriniň artmagy bilen köpçülikleýin habarlary ýaýratmakda habar beriş serişdeleriniň beýleki görnüşleri bilen deň hatarda hatda käbir halatlarda olardan hem köp ulanylyp başlandy.

Internet özüne lokal torlaryň 50 müň töweregini jemleýän, global tor hasaplanýar. Lokal torlar hemişe ulanmak mümkin bolan kompýuterlerden ( meselem: ugrukdyryjylar, web-serwerler, poçta serwerleri) we özlerine gerek möçberde internetiň hyzmatlaryndan peýdalanýan ulanyjylaryň kompýuterlerinden ybarat bolýar. Iri lokal torlar adatça uly kompaniýalara, telekeçilik guramalaryna ýa-da döwlet edaralaryna degişli bolýar.

Internete girmeklik we onuň hyzmatlaryndan peýdalanmak mümkinçiliklerini aragatnaşyk liniýalarynyň eýeleri bolan guramalar amala aşyrýarlar. Olar ulnyjylara öz hyzmatlaryny kabel üsti bilen ýa-da simsiz görnüşlerinde öz enjamlarynyň üsti bilen teklip edýärler.

Kompýuterleriň arasynda aragatnaşygy amala aşyrmak üçin olara aýratyn tor saluwlaryny bermek

gerek. Internet berk kesgitlenen maglumatlary bermekligiň düzgünleri esasynda işleýär. Şonuň üçin olaryň arasynda tor saluwlaryny paýlamak ulgamy ýeketäk bolmagy. Olar hem şol düzgünleri berk eýermeli. Ugrukdyryjylar çatylan her kompýuter üçin aýratyn salgy berýär. Soňra toruň eýesi bolan gurama öz kompýuterlerine özbaşdak salgy berýär. Bu IP salgy ulgamy diýilýär. Bu ulgam diňe hünärmenler üçin oňat bolup, salgylary sanlar görnüşinde berýär. Adaty ulanyjy üçin sanlaryň simwoniki ulgamyny ulanmak peýdalydyr. Şonuň üçin her IP salga öý salgysy ýada şahsy goşmaça berilip biliner. Bu goşmaça salgylar bulardan başgada geografiki ýa-da tematiki prinsip boýunça IP salgylara birikmek üçin ulanylýar. Mysal üçin 194.87.0.50 salgyly kompýutere ru öý salgysy berilendir. Bu öý salgylary birinji derejä degişli bolup olaryň köpüsi döwletlere berkidilýär. Ru salgysy Orsýete degişlidir. Islendik kompýuter özüniň IP salgysyna garaşsyzlykda ru derejesine hasaba alynyp biliner. Onuň öý ady kompýuter. Ru bolar. Bu ikinji derejeli öý ady bolýar. Şeýle usul bilen üçünji derejeli öý atly kompýuterler hem hasaba alynýar. Olar kompýuter – 2. kompýuter – 1. ru görnüşinde bolýar.

Internet – bu ugurly maglumatlary beriş ulgamydyr. Tordan peýdalanyjylar faýllar, elektron poçta

habarlary iberip, kabul edip bilerler, web sahypalary okap we beýleki habarlar bilen peýdalanyp bilerler. Internetiň ähli mümkinçilikleri onuň gulluklary ýa-da hyzmatlary atlandyrylýan ýörüte maksatnamalara paýlanandyr. Ähli gulluklaryň arasynda iň möhümleri: e-mail-bolup ol elektron poçta hyzmatyny ýerine ýetirýär we SMTP protakolyň esasynda işleýär. Ikinjisi ftr – bu gulluk faýllary ibermek – kabul etmek bilen meşgullanýar we FTR protakoluny ulanýar. Üçünjisi www (World Wide Web) bolup ol maglumatlary, habarlary giper tekstleriň üsti bilen gözläp tapmaklyk hyzmatlaryny amala aşyrýar. Ol HHTR protakoluň esasynda işleýär. Gipertekst diýilip beýleki resminamalara salgylanmalary özünde saklaýan elektron resminamalary özünde saklaýar. Internet hyzmatlarynyň ähli belli protakollary TSR | IP umumy adyna birikdirilendir.

## World wide web tehnologiýalarynyň taryhy

Geçen asyryň 80-nji ýyllarynda hususy kompýuterleri ulanyjylar ilki müşderini elektron poçta göýbermäge we şonuň üsti bilen hem poçta hyzmatlaryna birikdirilmäge, soňra ftr müşderini ftr

hyzmat teklip ediji bilen birikdirmäge mejbur bolýardylar. Bu iş köp wagt alýardy. Mundan başgada müşderiniň her işi ýörite buýruk bilen dolandyrylýardy. Bu buýrugy bermek üçin ulanyjy klawiaturada ýazmaly bolýardy. Internet tarapynda bu problemalary çözmek üçin iki usul teklip edildi. Käte olary iýerarhiki we giper tekst usullary diýlip atlandyrýarlar. Olar biri-biri bilen tapawutlanýarlar. Iýerarhiki usul Cuper atlandyrylýan goşmaçada ulanylýar, giper tekst usuly bolsa Web-brauzer goşmaçasyna degişlidir. Bu goşmaçalaryň ikisi hem bir wagtda diýen ýaly peýda bolsalarda Web usuly Cuper usulyndaky mümkinçiliklerdäki has ýokarda bolany üçin ol seýrek ulanylýar. Web tarapyndan hödürlenilýän hyzmatlar häzirki döwürde-de giňden peýdanylýarlar. Tankytçylar munuň esasy sebäbini Cuperi oýlap tapyjylar tarapyndan 1993-nji ýyldan başlap hyzmatlar üçin töleg alynyp başlanandygy, web hyzmatlaryň programma üpjünçiliginiň bolsa häzirki güne çenli tölegsiz amala aşyrylýandygyny düşündirýärler.

Cuper 1991-nji ýylda Minesot uniwersitetinde işlenip düzülýär we internetde şol ýylyň ahyrynda ulanylyp başlanýar. Ol uniwersitetiň talismanynyň hormatyna şeýle atlandyrylýar. İňlis dilinde Cuper “Ýumuş oglany” manysyny berýär. Cuper maglumatlary

toplamak, olaryň binýadyny döretmek maksady bilen işlenip düzülýär. Onuň hyzmatlary faýllara iýerarhiki sanawlaryň üsti bilen girmeklik arkaly amala aşyrylýar. Cuperiň hyzmatlar sanawy internetde bar bolan maglumatlar baradaky habarlary saklaýar. Bu bolsa öz gezeginde ulanyjylara şol maglumatlaryň arasynda özlerine gereklerini syçanjygy bir gezek basmak arkaly tapmakyga mümkinçilik döredýär.

Giper tekst termini 1981-nji ýylda Ted Nelsonuň kitabynda peýda bolýar. Onuň esasynda maglumatlary we resminamalary tertip boýunça ýerleşdirmek we gözläp tapmak usuly duryar. Bu usul 1945-nji ýylda Wenewar Buş tarapyndan teklip edilýär. Bu usulda ulanyjylar maglumatlary belli temalar boýunça ýa-da şol temalara degişli maglumatlar boýunça ýerleşdirmäge we gözläp tapmaga mümkinçilik alýarlar. Bu usulda belli bir tema boýunça işlemekden başgada derejeleriň üsti bilen beýleki temalaryň çalt geçmek mümkinçiligi bar. Bu iş usuly ylmy maglumatlary almakda örän peýdalydyr. Şeýle-de ony oýlap tapyjy ylmy maglumat ýa-da delil haýsy ugra degişlidigine garamazdan ulanyjylara peýdalanmaga elýeterli bolmaly diýip hasaplapdyr. Bu pikir hem web hyzmatlarynyň döremeginde esas bolýar. Bu usullar barada pikir ýöredilende olaryň ikisiniň hem internet arkaly habarlary ýygnamaklykda we

ýaýratmaklykda doly mümkinçilikleri berip bilmeýändiklerini boýun almak gerek. Iýerarhiki usul ilkinji nobatda her maglumatyň her habaryň öz ýerinde bolmaklygyna esaslanýar. Giper tekst usuly maglumatlaryň habarlaryň arasynda baglanyşygy guraýar. Giper tekst usuly olaryň arasyndaky anyk tematiki aýratynlyklary çäklendirmeýär.

Internetiň esasy binýady bolup klient – serwer ýagny müşderi – hyzmaty amala aşyryjy bolup durýar. Şoňa laýyklykda kompýuter tarapyndan amala aşyrylýan hyzmatlar ýa müşderä degişli ýa-da hyzmat görnüşinde bolýar. Şol bir kompýuter şol bir wagtyň özünde hem müşderiniň hem-de hyzmaty teklip edijiniň tekstleri bilen işläp bilýär. Ýöne köplenç olar bir taraplaýyn işleýärler ýagny diňe müşderiniň tekstleriniň ýa-da hyzmaty teklip edijiniň tekstleriniň üstünde işleýär. Umuman internet esasan müşderleri olary gyzyklandyrýan hyzmatlara birikdirmek üçin ulanylýar.

Web sahypalar üçin maksatnama üpjünçiligini web-serler kombinasiýasy amala aşyrýar. Brauzer – bu müşderiniň kompýuteri üçin maksatnama önümidir. Ol müşderä web-serweriň programmalaryna girmegiň, zerur faýllary tapmagyň ýollaryny görkezýär. Faýllar dürli görnüşli serişdeleri, maglumatlary saklap bilerler. Eger faýl NTML dilinde ýazylan bolsa onda brauzer teksdäki

maglumatlary açmak bilen çäklenmän olar bilen bagly beýleki teksleriň atlary bolan faýllary tapmaga kömek edýär.

1991-nji ýylyň maýyndan başlap, World Wide Web GERN tarapyndan üstünlikli ulanylyp başlanýar. Ilkinji brauzer “setirleýin režimde” işläp başlaýar. Bu režim maglumatlary setirme-setir tapmaga kömek edýär. Berners-Li 1991-nji ýylda “Gipertekst 91” konferensiýasynda ilkinji gezek World Wide Web meýilnamasyny resmi ýagdaýda teklip edýär. 1992-nji ýylyň ýanwarynda setirleýin brauzer internete birikdirilen ähli ulanyjylar üçin elýeterli bolýar.

World Wide Web meýilnamasynyň ulanyşyga girizilmegi bilen onuň ulanyşynda kemçilikller, kynçylyklar çekişmelere hem ýol açýar. Ilkinji mesele onuň meýilnama üpjünçiligi hatda iň tejribeli administratorlar üçin kynçylyk döredýýär. Web-brauzer tekst režiminde işlänsoň ol grafiki režimde işlemek üçin kynçylyk döredýär. Barha giňelýän habarlar bazary has ýeňil usullaryň gözlenip tapylmagyny talap edýär.

Brauzer Lunh meýilnamasy öňki meýilnamadan has kämil bolup, ol tekst režiminde işleýär.Onuň biýatlaýyn meýilnama üpjünçiligi 1992-nji ýylda Lui Montulli tarapyndan Kanzass uniwersitetiniň habarlar ulgamy üçin işlenip taýýarlanylýar. Brauzer Lunh

meýilnamasy tekst režimi üçin standartlara laýyk Web-müşderi maksatnamasy görnüşinde işlenip düzülýär.

Brauzerleriň arasyndaky bazar ugrundaky çekeleşikler köpçülilikleýin habar beriş serişdelerinde giňden şöhlelendirildi. Mikrosoft öz operasion ulgamy bolan Windows 95 meýilnamasyny Internet Ehsplorer brauzerini goşmak üçin ulanyşyga goýbermekden saklaýar. Basdeşlikler netijesinde habarlarlary ýaýratmak üçin has döredijilikli, ýönekeý, interaktiw usullar tapylýar, mümkinçilikler döreýär.

## EDEBIÝATLAR


1. “Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal”, Türkmen döwlet Neşirýat gullugy.Aşgabat 2007 ý.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow “Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary” Aşgabat 2007 ý.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow “Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagytdyr.” Aşgabat 2007 ý.

4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. Aşgabat 2007 ý.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow “Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy” Aşgabat 2007 ý.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Türkmen döwlet Neşirýat gullugy Aşgabat 2007 ý.
7. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat 2004 ý.
8. Türkmenistanyň Prezidentiniň Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler syýasaty. “Türkmenistan” gazeti 2007-nji ýylyň Oguz aýynyň 27-i.
9. Türkmenistanyň ylmy özgertmelere we ösüşe hyzmat edýär.“Türkmenistan” gazeti 2007-nji ýylyň Oguz aýynyň 13-i.
10. Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynyň mejlisi “Türkmenistan” gazeti 2007-nji ýylyň Nowruz aýynyň 31-i.
11. Informatika we kompýuter tehnikasynyň esaslary. Aşgabat 2001 ý.
12. Hasaplaýyş maşynlar, ulgamlar we torlar. Aşgabat 2001 ý.
13. Programmirlemegiň häzirki zaman tehnologiýalary. Aşgabat 2001ý.

14. Kompýuterde işlemegiň tilsimaty. TDNG.A. 2005 ý.
15. Maglumatlar tilsimatlarynyň adalgalarynyň sözlügi. A. Ylym. 2004 ý.
16. Ýazgylyjow A. WINDOWS. THHI. Elektron görnüşi. Aşgabat, 2003 ý.
17. Ýazgylyjow A. WINDOWS-yň standart maksatnamalarynda işlemek. THHI. Elektron görnüşi. Aşgabat, 2003 ý.
18. Ýazgylyjow A. we başgalar. WORD ýazgy redaktory. THHI.Elektron görnüşi. Aşgabat, 2002ý.
19. Ýazgylyjow A. Myradow A. Visual Basic. THHI. Aşgabat, 2006ý.
20. Goçmyradow H., “Döwrüň aýnasy, Aşgabat 1990 ý.
21. Sitnikow B., KHBS-iň tehnikasy we tehnologiýasy, Moskwa, MGU 2002 ý.
22. Tulupow W.W. we başgalar. KHBS-iň tehnikasy we tehnologiýasy.Sankt-Peterburg 2008 ý.
23. Богданов Н., Вяземский Б. Справочник журналиста. Л, 1971.

# MAZMUNY

**Bap 1.** Habar beriş serişdeleriniň tehnikasy we tehnologiýasy dersine giriş.......................................7

**Bap 2.** Bezeg işiniň nazaryýeti ………………………11

**Bap 3.** Döwürleýin neşirleriň tehnikasy …………16

**Bap 4.** Şriftografiýa ………...........................................21

**Bap 5.** Bezegiň amaly görnüşleri.............................31

**Bap 6.** Çap zolagynyň bezegi we döwürleýin neşirleriň bezeginde esasy ugurlar..............................................34

**Bap 7.** Surat işiniň tehnikasy we tehnologiýasy........37

**Bap 8.** Fotožurnalistiň işiniň tehniki we döredijilik aýratynlyklary.........................................................48

**Bap 9.** Fotožurnalistiň döredijilik işiniň etiki we hukuk esaslary..............................................................48

**Bap 10.** Radioýaýlymyň işiniň guralyşy..................51

**Bap 11.** Radio öýi we onuň enjamlary.....................52

**Bap 12.** Radioýaýlymda ses ýazgysy we efire goýberilişi.......................................................55

**Bap 13.** Teleýaýlymyň işiniň guralyşy.....................57

**Bap 14.** Teleýaýlym merkeziniň gurluşy................ 63

**Bap 15.** Emeli hemralar arkaly goýberilýän teleýaýlymlar we sanly teleýaýlymlar.....................69

**Bap 16.** Internetiň tehnikasy we tehnologiýasy........71

**Bap 17.** World wide web tehnologiýalarynyň taryhy..74

**Edebiýat** .........................................................................79